TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– WATAN GORAGY MERDANALYGYŇ MILLI MEKDEBIDIR. WATAN GORAGÇYLARY BOLSA BU MEKDEBI MYNASYP DOWAM ETDIRIJILERDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
6-njy mart, 2026. Belgisi 10/1680



# ASUDALYGYŇ HEM ROWAÇLYGYŇ ÝOLY BILEN

*4-nji martda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynda şu ýylyň iki aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi. Şeýle-de Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmäge, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, işini has-da kämilleşdirmäge degişli meseleleriň birnäçesi ara alnyp maslahatlaşyldy.*

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şeýle hem Watan goragçylarynyň gulluk, ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, serkerdeleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak babatda amala aşyrylan işler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini kämilleşdirmek boýunça maksatnamalaýyn işleri mundan beýläk-de dowam etdirmegiň, Milli goşunymyzy ösdürmäge gönükdirilen toplumlaýyn çäreleri amala aşyrmakda dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini yzygiderli öwrenmegiň möhümdigini belledi hem-de Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Baş prokuror B.Muhamedow milli kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek, bu ugurda sanly ulgamy işjeň ulanmak we prokuratura edaralarynyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, kanunlaryň we hukuk namalarynyň takyk ýerine ýetirilişine prokuror gözegçiligini dowam edip, mundan beýläk-de kanunylygy pugtalandyrmagyň, raýatlaryň hukuklaryny üpjün etmek babatda netijeli işleri alyp barmagyň wajyp wezipe bolup durýandygyny aýtdy hem-de bu babatda Baş prokurora birnäçe görkezmeleri berdi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow geçen iki aýda ýurdumyzda hukuk tertibini pugtalandyrmak, düzgün bozulmalaryň, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýangyn howpsuzlygynyň kadalaryny berjaý etmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmek babatda ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew bu düzümi ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde şu ýylyň iki aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, kazyýet edaralaryna sanly ulgamyň ornaşdyrylyşy, kazyýet ulgamyny kämilleşdirmegiň barşy, döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunylygy üpjün etmek, döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini, raýatlaryň hukuklaryny goramak boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegiň, kazyýet edaralarynyň işiniň hilini has-da ýokarlandyrmagyň möhümdigine ünsi çekdi hem-de bu babatda anyk görkezmeleri berdi.

Soňra milli howpsuzlyk ministri D.Meredow şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işler, Watanymyzda parahatçylygy we asudalygy üpjün etmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, döwletimiziň konstitusion gurluşyny, milli bähbitlerini goramak boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmek, milli howpsuzlyk edaralarynyň işini yzygiderli kämilleşdirmek babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy I.Ilamanow geçen iki aýda Watanymyzyň mukaddes serhetleriniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek, serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça görlen çäreler, bu ugurda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň döwlet serhediniň dost-doganlyk serhedi bolup durýandygyny belledi hem-de onuň goraglylygyny üpjün etmek, serhet goşunlarynyň işini kämilleşdirmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Adalat ministri M.Taganow halkara tejribäni ornaşdyrmagyň hasabyna milli kanunçylyk işini kämilleşdirmek, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak, bu düzüme sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça ýylyň başyndan bäri amala aşyrylan işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmek işlerini has netijeli dowam etdirmegiň, raýatlara kanunçylygy düşündirmek bilen bagly wagyz-nesihat işlerini geçirmegiň zerurdygyny aýtdy we bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri, şol sanda sanly ulgamy, döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna işiň netijeliligini ýokarlandyrmak, gullugy ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, Türkmenistanyň gümrük nokatlarynda gümrük düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmek boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow migrasiýa hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, düzümi ösdürmegiň maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek maksady bilen, şu ýylyň iki aýynda amala aşyrylan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, migrasiýa edaralarynyň işini kämilleşdirmegi üns merkezinde saklamagyň, ýokary hilli migrasiýa hyzmatlaryny üpjün etmek boýunça işleri netijeli dowam etdirmegiň möhümdigini belledi hem-de bu babatda gullugyň ýolbaşçysyna anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, goranyş häsiýetli Harby doktrinamyzyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň howpsuzlygyny we çäk bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy hem-de bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## Parahatçylyk we ynanyşmak – umumadamzat gymmatlygy



Ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň belent münberinden hem-de beýleki abraýly halkara guramalarynyň meýdançalarynda öňe sürýän parahatçylyk taglymaty dünýä jemgyýetçiliginde uly goldaw tapýar. Adamzat durmuşynda parahatçylyk we ynanyşmak wajyp orna eýe bolup, ýaşaýşyň baş girewidir.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň türkmen, iňlis we rus dillerinde çap edilen, 9 bölümden ybarat «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly eseri diňe bir türkmen halky üçin däl, daşary ýurtly okyjylar üçin hem ähllumumy gymmatlygy goramagyň hem-de berkitmegiň aýdyň ýoluny salgy berýän eserleriň biridir. 3

## Haýyr-sahawat gaznasy – ýaş nesilleriň penasy



Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilenine 5 ýyl dolýar. Mundan 5 ýyl ozal, Gahryman Arkadagymyzyň pähim-paýhasy bilen düýbi tutulan Haýyr-sahawat gaznasy ynsanperwer işleriň nyşanyna öwrüldi. Bu sene müňlerçe çaganyň ykbalynda täze sahypanyň açylan günüdir.

Gysga wagtyň içinde Gazna özüniň netijeli işleri bilen çagalaryň penasyna öwrüldi. Döwletimiziň geljegi bolan ýaş nesliň saglygyny goramak, olaryň beden we ruhy taýdan kämil bolmagyny gazanmak Gaznanyň esasy maksadydyr. Gaznanyň hasabyna ýurdumyzyň öňdebaryjy saglygy goraýyş merkezlerinde ýüzlerçe çylşyrymly operasiýalar geçirildi. 2

# SAÝLAWLARA IŞJEŇ TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

*Türkmenistanda täze döredilen etraplaryň halk maslahatlarynyň agzalygyna hem-de ygtyýarlyk möhletinden öň çykyp giden Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň 29-njy martda geçiriljek saýlawlaryna işjeň taýýarlyk görülýär.*

Türkmenistanda hereket edýän saýlaw kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsüm dowam edýär. Onuň dowamynda milli parlamentiň deputatlygyna, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň agzalygyna dalaşgärler, olaryň ynanylan wekilleri saýlawçylar bilen duşuşyk ýygnaklaryny geçirýärler. Saýlawçylar dalaşgärleriň terjimehallary, hünär we guramaçylyk ukyplary, saýlawlardaky maksatnamalarynyň esasy ugurlary bilen tanyşýarlar. Olaryň esasy maksady Watanymyzyň gülläp ösmegini üpjün etmekden, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.





Ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek baradaky maksatnamalaryň wezipelerini anyk beýan edip, dalaşgärler saýlawçylaryň köp sanly sowallaryna jogap berýärler. Dalaşgärler Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeler maksatnamalaryny amala aşyrmakda öz bilimlerini, ukyplaryny, tejribelerini we tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrýarlar. Milli parlamentde we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda öz okruglaryna wekilçilik etmek üçin halkyň arasynda uly hormata, ynama eýe bolan mynasyp adamlaryň dalaşgär hökmünde hödürlenilendigini bellemek gerek.

Ähli dalaşgärlere milli saýlaw kanunçylygyna, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, saýlawçylar bilen duşuşyklary guramak üçin deň şertler we mümkinçilikler döredilýär. Saýlawlara taýýarlyk işleri köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde giňden beýan edilýär, şol sanda saýlawçylaryň hukuklary, saýlawlara taýýarlyk işleri barada ýörite gepleşikler ýaýlyma berilýär. Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň ýörite saýtynda saýlawlar bilen bagly täze maglumatlar ýerleşdirilýär.

# HALKARA ZENANLAR GÜNI ULY DABARALARA BESLENÝÄR

*Ýurdumyzda bahar paslynyň ilkinji günleri Halkara zenanlar güni mynasybetli guralýan dabaralara beslenýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly atmyradyň mekany» ýylynyň taryhy ähmiýetli wakalarynyň many-mazmun taýdan has-da baýlaşmagyny şertlendirýän dabaralar mährem enelere, gelin-gyzlara döwlet derejesinde goýulýan hormat-sarpanyň aýdyň nyşanydyr.*

Berkarar döwletimiziň bagtyýar gelin-gyzlarynyň hormatyna bu nurana baýrama bagyşlanyp, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde guralýan dabaralar zenanlaryň eziz Watanymyza bolan söýgüsini, eşretli durmuşa, bagtyýar döwrümize buýsanjyny has-da artdyrýar. Ähli ulgamlarda zähmet çekýän gelin-gyzlara, çagalar baglarynda terbiýelenýän gyzjagazlara, talyp gelin-gyzlara Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan Halkara zenanlar güni mynasybetli pul sowgatlarynyň gowşurylmagy, ýokary okuw mekdeplerinde okaýan gyzlaryň arasynda guralýan «Talyp gözeli» bäsleşiginiň jeminiň jemlenilmegi, dabaraly maslahatlaryň, aýdym-sazly çäreleriň geçirilmegi bu şanly senäniň giňden bellenilmegine döwlet derejesinde ähmiýet berilýändigini görkezýär.

Dabaraly maslahatlardaky çykyşlarda nygtalyşy ýaly, merdana zenanlar maşgalanyň daýanjydyr, ahlak gözelliginiň nusgasydyr, öý-ojaklaryň ýaraşygydyr. Watanymyzda zenanlara uly sarpa goýulmagy, olaryň mertebesiniň belent tutulmagy gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan milli ýörelgeleriň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilýändiginiň güwäsidir.



Halkara zenanlar güni mynasybetli Aşgabat we Arkadag şäherlerindäki, welaýatlardaky seýilgählerde, medeni-bilim ojaklarynda aýdym-sazly baýramçylyk çäreleri, çeperçilik sergileri, bäsleşikler, döredijilik duşuşyklary guralýar. Munuň özi Watanymyzyň at-abraýynyň belende göterilmegine mynasyp goşant goşýan gelin-gyzlaryň mertebesiniň hemişe belent tutulýandygynyň aýdyň nyşanydyr. 2

**Sebitiň sanly merkezi döredilýär**
Gazagystanda energetika kuwwaty 1 Gwt çenli bolan, Merkezi Aziýada iň iri maglumatlary işläp taýýarlaýyş merkezleriniň toplumy gurulýar. 4

**Finik hurmasynyň saglyga peýdasy**
Oraza aýynda saçagyň aýrylmaz nygmatlarynyň biri bolan hurma beýnini işjeňleşdirýär, süňk saglygyny goraýar, güýç-kuwwat berýär. 5

**Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynyň bijeleri çekildi**
UEFA-nyň 2-nji-3-nji derejeli ýaryşlary bolan Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi. 7

**Oskar ugrunda ýiti göreş**
Los Anjelesde geçirilen «Actor Awards» baýraklarynda ýeňijiler belli boldy. «Günäkärler» filminde 2 keşbi birden ýerine ýetiren Maýkl B. Jordan iň gowy aktýor saýlandy. 8

## Maşgalalar üçin iň gowy şäherler

«Compare the Market» maslahat beriş kompaniýasy çagaly maşgalalar üçin ýaşamaga iň amatly şäherleriň sanawyny taýýarlady. Awstraliýada ýerleşýän kompaniýanyň hünärmenleri şäherleriň howpsuzlyk, gök meýdanlaryň çägi, ýaşaýşyň bahasy, çaga doglanda iş ýerinden berilýän rugsat we okuw üçin töleg ýaly ölçeglere baha berdiler. Sanawa dünýäniň dürli ýerlerinden jemi 50 şäher girizilip, Awstraliýanyň Brisben şäheri birinji ýeri eýeledi. Kwinslend ştatynyň paýtagty bolan



şäher maşgala agzalaryň bilen gezelenç eder ýaly gök zolaklary bilen tapawutlanýar. Ikinji orny London (Angliýa), üçünji ýeri Oklend (Täze Zelandiýa) eýeledi. Ilkinji onluga Helsinki (Finlýandiýa), Sidneý (Awstraliýa), Pert (Awstraliýa), Melburn (Awstraliýa), Stokgolm (Şwesiýa), Berlin (Germaniýa) we Seul (Koreýa Respublikasy) giripdir.

Kompaniýa mundan ozal 2023-nji ýylda hem şeýle sanawy taýýarlap, 38 şähere baha beripdi. Şonda Stokgolm birinji orny eýeläpdi.

**Laçyn ORAZOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.*

## Arassa energiýa üçin goldaw

Bütindünýä Meteorologiýa Guramasy ýurtlaryň gaýtadan dikeldilýän energiýa taslamalaryny meýilleşdirmäge goldaw bermek maksady bilen arassa energiýa çeşmeleri barada «ýolgörkeziji» taýýarlady. Bu maglumat gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň kartasyny taýýarlamaga ýardam eder. Bu maglumat esasynda ýel, Gün we suw elektrik energiýa mümkinçiliklerini görkezýän karta taýýarlap bolar.



Gurama 2030-njy ýyla çenli ähli ýurtlarda ýokary durulykdaky gaýtadan dikeldilýän energiýa kartasynyň bolmagyny gazanmagy maksat edinýär. Bu atlaslar, esasan, 4 kilometr ýa-da ondan hem ýokary durulykda edilip taýýarlanar. Karta her bir sebitde ýel turbinasy ýa-da suw elektrik bekedi ýaly infrastruktura üçin iň amatly ýerleri kesgitlemäge ýardam eder. Bu başlangyç arassa energiýanyň önümçiligini ep-esli artdyrmaga ýardam eder.

**Ezizhan BEREKETOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Iň uzak aralyga gidýän elektroulag

Hytaýyň BYD kompaniýasyna degişli bolan «Denza» brendi täze elektroulagyny tanyşdyrdy. «Denza Z9 GT» atly ulag bir gezekki zarýady bilen 1 müň 36 kilometre çenli ýol geçip bilýär. Bu görkeziji häzirki wagtda satuwda bolan ähli



elektroulaglaryňkydan köpdür. Dolulygyna elektrik energiýasynda işleýän ulag 122,5 kW/sagat güýji bolan batareýa toplumy bilen enjamlaşdyrylypdyr.

Ulagyň gibrid görnüşiniň bardygy hem mälim edildi. Bu görnüşde göwrümi 2 litr bolan benzin bilen işleýän 1 sany hereketlendiriji hem-de 3 sany elektrik motor bar. Ulag diňe elektrikli motory bilen 400 kilometr ýol geçip bilýär.

**Şöhrat AMANGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# HALKARA ZENANLAR GÜNI ULY DABARALARA BESLENÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli özgertmeleri, milli maksatnamalary durmuşa geçirmekde bitiren aýratyn hyzmatlary, zähmetde, jemgyýetçilik durmuşynda gazanan üstünlikleri we beýleki ugurlar boýunça çekýän yhlasly zähmeti nazara alnyp, öňdebaryjy zenanlary «Zenan kalby» ordeni bilen sylaglamak, köp çagaly enelere «Ene mähri» diýen hormatly ady dakmak, köp çagaly maşgalalara täze, döwrebap jaýlaryň açarlaryny gowşurmak asylly däbe öwrüldi. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda-da bu ýörelgeleriň dowam etdirilmegi zenanlaryň jemgyýetde eýeleýän ornuna, ýaş nesilleri watançylyk, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemek ugrunda edýän tagallalaryna berilýän mynasyp bahadyr. Halkara zenanlar gününiň hormatyna guralýan çärelerde tutuş halkymyzyň mähriban enelerimize, gelin-gyzlarymyza bolan buýsanjy, söýgüsi öz beýanyny tapýar. Häzirki döwürde gelin-gyzlarymyz watansöýüjilik, maşgala ojagyna wepalylyk, asyllylyk ýaly türkmen zenanlaryna mahsus häsiýetleri baýdak edinip, bu ýörelgeleriň kämilleşdirilmegine mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Bu bolsa olaryň jemgyýetde eýeleýän ornunyň pugtalanmagyny şertlendirýär.





**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

## Syýahatçylyk sergisi geçirildi

3-5-nji mart aralygynda syýahatçylyk pudagyna bagyşlanan iň iri çäreleriň biri bolan «ITB Berlin 2026» geçirildi. 60-njy gezek geçirilen sergä 160-dan gowrak ýurtdan 6 müň firma gatnaşdy. Germaniýanyň paýtagtynda geçirilen gözden geçirilişe gatnaşan firmalar awiasiýa, myhmanhana, saglygy goraýyş, ekosyýahatçylyk, ketring, tehnologiýa ýaly ugurlarda öz harytlaryny we hyzmatlaryny görkezdiler. Şeýle-de hyzmatdaşlara ikiçäk duşuşyklary geçirmäge hem




mümkinçilik döreden sergä Tailand, Müsür, Türkiýe we Italiýa ýurtlaryndan has köp kompaniýa gatnaşdy.

Bu ýylky çäräniň «öý eýesi» Angola boldy. Sergä «Angola syýahat ediň! – Durmuşyň ritmi» şygary bilen gatnaşan ýurt Afrikanyň syýahatçylyk mümkinçiliklerini tanyşdyrýar.

Serginiň çäginde geçirilen maslahatlarda 400-den gowrak hünärmen çykyş edip, durnukly ösüş, syýahatçylyk, howanyň üýtgemegi, emeli aň ýaly temalarda pikir alşyldy.

**Meýlis ÇOPANOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, podpolkownik.*

# HAÝYR-SAHAWAT GAZNASY – ÝAŞ NESILLERIŇ PENASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Ýürek-damar keselleri we beýleki keseller bilen kesellän çagalar täze ömre gadam basdylar. Gazna tarapyndan ýurdumyzyň dürli künjeklerindäki hassahanalara, şol sanda welaýat çagalar hassahanalaryna täze we döwrebap «Tiz kömek» ulaglarynyň onlarçasy sowgat berildi.

Sebitiň deňi-taýy bolmadyk «akylly» şäheri bolan Arkadag şäherinde ýerleşýän we döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi bu ugurdaky iň uly taslamalaryň biridir. Häzirki zaman innowasion lukmançylyk enjamlary çagalarda sagaldyş-dikeldiş döwründe bejerginiň has netijeli bolmagyny üpjün edýär. Bu ýerde çagalaryň terbiýelenmegi, bilim we dynç almagy üçin hem ähli mümkinçilikler döredilendir.

Gaznanyň işi diňe bir lukmançylyk kömegi bilen çäklenmän, hemaýata mätäç çagalaryň sport bilen meşgullanmagyna, hünär öwrenmegine we medeni çärelere gatnaşmagyna hem mümkinçilik berýär. Dürli baýramçylyklarda Gazna tarapyndan berilýän sowgatlar her bir çaganyň kalbynda buýsanç duýgusyny döredýär.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy halkara hyzmatdaşlygyny hem ösdürýär. Gurama ynsanperwerlik işlerine işjeň gatnaşýar. Has takygy, Gazna Täjigistanyň, Türkiýe Respublikasynyň, Ukrainanyň, Russiýanyň, Owganystanyň we Palestinanyň çagalaryna sowgatlary, dermanlary, çagalar üçin eşikleri we azyk önümlerini ýollady.



Gazna dürli halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyny pugtalandyrýar. Olaryň hatarynda Sun Szinlin adyndaky gazna (Hytaý), Geýdar Aliýew gaznasy (Azerbaýjan), Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) bar. 2025-nji ýylyň 9-njy dekabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň şahamçasynyň dabaraly açylyşy boldy. Bu waka ýurdumyz boýunça haýyr-sahawat işiniň gerimini giňeltmekde möhüm ädim boldy. Öňde has uly maksatlar, has köp çagalaryň bagtyýar geljegi dur. Bu ýol sahawatlylygyň, mertligiň we egsilmez mähriň ýoludyr.

**Hydyr ABAKOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň medeniýet we metbugat bölüminiň uly gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

## Mobil enjamlara bagyşlanan halkara maslahat

2-5-nji mart aralygynda Ispaniýanyň Barselona şäherinde mobil enjamlara bagyşlanan halkara maslahat geçirildi. Mobil dünýä maslahaty (Mobile World Congress-MWC26) atly çärede emeli aň we robot tehnologiýasyna has köp üns berildi. Çärä dünýäniň dürli künjeginden ýüzlerçe




kompaniýa gatnaşyp, öz önümlerini görkezdi. Çärä 100 müňden gowrak myhman baryp gördi. Her ýyl geçirilýän çäräniň bu ýylkysynda «metal ýakaly» diýlip atlandyrylan, gündelik işleri ýerine ýetirip bilýän robotlara has köp orun berildi. Şeýle hem emeli aň tehnologiýalary, üç gezek eplenýän el telefon nusgalary, özbaşdak hereket edýän taksiler we Aýda ýöreýän ulag ýaly täsin täzelikler görkezildi. 20-nji gezek geçirilýän sergide uçýan ulaglara hem myhmanlaryň gyzyklanmasy ýokary boldy.

Sergide aragatnaşyk tehnologiýasyna hem orun berlipdir. Maslahatda köpçülige ýetirilen maglumatda 2030-njy ýyla çenli dünýädäki mobil infrastrukturanyň 57 göteriminiň 5G tehnologiýasyna geçjekdigi mälim edildi.

**Merjen HOJIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# IFT 2026 TÜRKMENISTANDA HALKARA IŞEWÜRLIK MÖWSÜMINI AÇAR

18-nji martda Aşgabat şäherindäki Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» (IFT 2026) atly Halkara maýa goýum forumy geçiriler. Forum işewürlik möwsüminiň başlangyjy bolup, ýylyň möhüm halkara çäreleriniň birine öwrüler. Foruma gatnaşyjylar taslamalar bilen tanyşmak, mümkin bolan hyzmatdaşlaryň we maýa goýujylaryň arasynda gepleşikleri geçirmek, şeýle hem maýa goýum hem-de taslamalara goldaw bermek boýunça meseleleri ara alyp maslahatlaşmak mümkinçiligine eýe bolarlar.

Esasy ugurlara gurluşyk, infrastruktura we ulag pudagyna maýa goýumlar, döwlet-hususy hyzmatdaşlyk, agrar pudagy we azyk howpsuzlygy, şeýle hem sanly özgertmeler degişlidir. Bu çäre işewürler, döwlet edaralarynyň wekilleri we halkara işewürler toparlaryny birleşdirip, hyzmatdaşlygy giňeltmäge mümkinçilik döredýär.

IFT 2026 forumy Türkmenistanyň hususy pudagynyň halkara sergisi bilen bilelikde guralyp, bu iki çäre gatnaşyjylara işewür gatnaşyklarynyň giňelmegine, täze mümkinçilikleriň açylmagyna we her iki platformanyň




mümkinçiliginden doly peýdalanylmagyna mümkinçilik berer. Forum, B2B we B2G formatlary bilen bir hatarda, B2C görnüşinde hyzmatdaşlyk üçin hem mümkinçilikleri döredip, işewür toparlar üçin netijeli hyzmatdaşlyk gurmaga giň mümkinçilik döreder.

Forum Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň we Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň «TMT Consulting Group» bilen hyzmatdaşlygynda guralýar.

Şeýle-de 17-19-njy martda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 18 ýyllygy mynasybetli sergi hem-de Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň maslahaty geçiriler.

Sergide Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň öndürýän önümleridir hyzmatlary bilen tanyşdyrylar. Olaryň hatarynda gök önümler, çörek önümleri, dürli görnüşdäki içgiler, elektronika enjamlary, dokma we mebel önümleri, gurluşyk materiallary, tikinçilik we ilatyň sarp edýän hyzmatlary hem-de harytlary bar.

**Mahym MAHTYMOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# BEDEW WASPY DILLERDE

Türkmen halkynyň taryhy ýoly bedew atlar bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. «At ýigidiň myrady» diýen pähime eýerýän halkymyz üçin ahalteke bedewi diňe bir ulag däl, eýsem, ylhamyň we baky gözelligiň simwolydyr. «Bedew waspy dillerde» diýlende bolsa, şol gözelligiň dünýä medeniýetinde, edebiýatynda we sungatynda goýlan öçmejek yzy göz öňünde janlanýar.

Türkmen bedewiniň waspy asyrlaryň dowamynda dünýä syýahatçylarynyň, şahyrlarynyň we taryhçylarynyň ünsüni çekip gelipdir. Hytaýlylar olara «Asman atlary» diýen bolsalar, şahyrlar atyň tizligini ýel bilen deňeşdirýärler. Ähli nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiliginde bedew atlar iň belent mertebä çykarylýar, adamyň iň ýakyn dosty hökmünde waspy ýetirilýär. Bedew atyň duýgurlygy esasy aýratynlygy bolup, dünýä dillerinde bedew barada ýazylan eserlerde bu barada aýratyn bellenilýär.



Gahryman Arkadagymyzyň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabynda humaý gözli bedewlerimiziň waspy öz beýanyny tapýar. Birsalym atyň üstünde gezim etseň, asla hassa bolmarsyň, göwnüň göteriler, sagdyn bedende sagdyn ruhuň bardygyna göz ýetirersiň.

Bedew batly öňe barýan halkymyz bu gün bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Toý-tomaşasy at çapyşyksyz geçmeýän halkymyz atçylyk sungatyny has-da belende göterdi. Ganatly bedewlerimiz dünýä festiwallaryndan uly ýeňişler bilen dolanyp gelýärler. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň halkara festiwallarda gazanýan baýraklary Watanymyzyň şan-şöhratyny barha belende göterýär.

Ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak indi asylly däbe öwrüldi. Halkymyzyň ösen islegini kanagatlandyrmak maksady bilen, 2026-njy ýyl «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyryldy. Bu bolsa halkymyza bedew bady bilen öňe tarap gitmäge ruhlandyrýar.

**Agaröwşen IŞANGULYÝEW,**
*TDP-niň Tagtabazar etrap komitetiniň başlygy.*

## «Ýaşyl» maksatnama netije berdi

Hytaýyň Taklamakan çölüniň töwereginde döredilen «ýaşyl guşak» maksatnamasy oňyn netije berdi. Geçirilen soňky barlaglar uzak ýyllaryň dowamynda döredilen çölüň töweregindäki agaçlyk zolagyň howadan köp mukdarda uglerody özüne siňdirýändigini ýüze çykardy. Bu bolsa, aşa gurak howanyň adam eli bilen döredilen tokaý zolagy arkaly ýumşadylyp bilinjekdigini görkezýär. Taklamakan çöli 337 müň inedördül kilometr töweregi meýdany eýeleýär. Çölüň daşyndaky dag gerişleri ýylyň dowamynda uzak wagtlap çyglylygyň öňüni alýar. Bu bolsa, ol ýerde floranyň döremegine päsgel berýär.

1978-nji ýylda çölleşmäni azaltmak maksady bilen, çölüň gyralaryna agaç nahallary oturdylyp başlandy. Häzire çenli ýurduň demirgazygynda 66 milliard düýp agaç we gyrymsy agaç nahallary oturdyldy. 2024-nji ýylda Taklamakan çölüniň daş-töweregi dolulygyna tokaýlaşdyryldy. Barlaglaryň netijesinde bu taslamanyň gum alaňlarynyň süýşmeginiň öňüni alandygy, ýurtda tokaý zolagynyň 25 göterime ýetendigi anyklandy. Maglumatlara görä, 1949-njy ýylda ýurduň 10 göterimini tokaý zolaklary emele getirýän eken.



**Tyllagözel BABAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 6-sy, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118219
Belgisi: 10/1680
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## Miweli baglar – azyk bolçulygynyň kepili

Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda ýurdumyzda miweli we saýaly agaçlary ösdürip ýetişdirmäge uly üns berilýär. Türkmenistanyň toprak-howa şertleri bagçylygy ösdürmek üçin örän amatlydyr. Bagçylygyň ösdürilmegi ýetişdirilýän miweli agaçlaryň ýagdaýyna we sortlarynyň kadaly gatnaşygyna bagly bolýar.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kabul eden kararlary esasynda daýhanlara ekerançylyk ýerleriniň uzak möhletleýin ulanmaga berilmegi, önüm öndürijileriň maliýe taýdan goldanylmagy, oba hojalyk tehnikalary, suw, tohum, himiki serişdeler bilen ýeterlik derejede üpjün edilmegi ekerançylyk, şol sanda miweçilik pudagynyň güýçli depginde ösdürilmegine mümkinçilik berýär.

Miweçilik girdejili pudaklaryň biri bolup, ýylyň dowamynda halkymyzyň ter miweler we ir-iýmişler bilen üpjün edilmegine goşant goşýar. Miweleriň düzüminde 75-90% suw, 15% beloklar, 5-23% şeker, 2-3% organiki kislotalar (limon, alma), ýaglar, ys beriji maddalar, dürli witaminler saklanýar.



Türkmenistanyň howa şertleri dürli görnüşli agaçlary ösdürmäge mümkinçilik berýär. Köpetdagyň salkyn eteklerinden başlap, Amyderýanyň boýlaryna, Sumbar jülgesiniň subtropiki zolagyndan Daşogzuň salkyn sähralaryna çenli her bir sebitde üýtgeşik hasyl alyp bolýar.

Eziz Diýarymyzda üzümçilik iň gadymy pudaklaryň biridir. Halk seçgiçileriniň tagallasy bilen kemala gelen «Gelinbarmak», «Terbaş», «Gara kişmiş» ýaly üzüm görnüşleri iriligi we tagamy bilen haýran galdyrýar. Daşoguz welaýaty özüniň sowuga çydamly we uzak wagtlap saklanýan almalary bilen meşhurdyr. Lebapda bolsa, armydyň şireli görnüşleri giňden ösdürilip ýetişdirilýär. Bu miweler witaminlere baýlygy we iýmit siňdiriş ulgamyna peýdalylygy bilen adamlaryň saglygyny berkitmekde uly ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň Magtymguly etrabynda özboluşly mikroklimat bolup, bu ýerde ösýän narlar, injirler, hurmalar we hozlar dermanlyk häsiýetleri bilen tanalyp, şiresi we däneleriniň hili dünýä bazarynda bäsleşige ukyplydyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň oba hojalygynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Hususy telekeçileriň tagallasy bilen müňlerçe gektar meýdanda baglar döredilýär. Suw serişdeleriniň tygşytly ulanylmagy üçin damjalaýyn suwaryş ulgamlary ulanylyp, pes boýly agaçlaryň ekilmegi netijesinde 2-3 ýyldan soň bol hasyl alynmagy, miweleriň hilini ýitirmän saklanmagy üçin sowadyjy ammarlaryň gurulmagy azyk bolçulygynyň üpjün edilmegi ugrunda edilýän giň gerimli işleriň netijesidir. Türkmenistan diňe içerki bazary miwe bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, daşary ýurtlara hem önümleri ugradyp başlady.

Türkmen bagbanlarynyň yhlasy bilen kemala gelýän miweler halkymyzyň saglygynyň we ýurdumyzyň berekediniň çeşmesidir. Her bir ekilen nahal geljek nesillere goýulýan iň uly mirasdyr.

**Yhlasmyrat MEREDOW,**
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň harby talyby.*

## ÝUNESKO KLUBLARY IŞJEŇ HEREKET EDÝÄR

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda döreden medeni mirasyny gorap saklamak, ylmy esasda çuňňur öwrenmek we seljermek, milli gymmatlyklarymyzy dikeltmek ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Türkmen halky köp asyrlyk taryhynyň dowamynda adamzat gymmatlyklarynyň genji-hazynasyna mynasyp goşant goşupdyr. Häzirki döwürde ýurdumyzda ençeme döwletler bilen diplomatiki gatnaşyklar alnyp barylýar, dünýä döwletleri, halkara guramalary, BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri, şol sanda ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. 1945-nji ýylyň noýabr aýynda döredilen ÝUNESKO-nyň esasy wezipesi bilim, ylym, medeniýet ugurlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmek arkaly ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam etmekden ybaratdyr. Türkmenistan 1993-nji ýylyň 17-nji awgustynda bu guramanyň doly hukukly agzalygyna kabul edilip, şondan bäri geçen döwürde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk hil taýdan täze derejä çykaryldy.

Ýurdumyzda soňky ýyllarda ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň sekretariatynyň we ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň gatnaşmagynda bilim ojaklarynda ÝUNESKO kafedralary hem-de klublary döredildi. ÝUNESKO klublarynyň açylmagy ýaşlaryň döredijilik we ylmy-barlag işjeňligini kemala getirmek, ýurdumyzyň medeni gymmatlyklary, däp-dessurlary baradaky bilimlerini ýokarlandyrmak babatda uly ähmiýete eýedir.

Klublaryň işjeň agzalary dürli derejeli çäreleri geçirýärler, ýaşlaryň sowatlylygyny artdyrmakda ýurt derejesinde onlaýn maslahatlary, breýn-ring akyl bäsleşiklerini, dürli ugurly festiwallary, umumy sapaklary we treningleri guraýarlar. Ýurdumyzda hereket edýän ÝUNESKO klublarynda we kafedralarynda halkara hyzmatdaşlygyň döwrebap




mümkinçiliklerinden işjeň peýdalanylýar. Häzirki wagtda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda, Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda, Türkmen oba hojalyk institutynda, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda we Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde aýry-aýry ugurlara bagyşlanan ÝUNESKO klublary üstünlikli hereket edýär. Türkmenistanyň 6 sany orta mekdebi bolsa, ÝUNESKO-nyň Assosirlenen mekdepleriniň toruna girizildi.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde Arkadag şäherinde talyp ýaşlaryň okap, bilim almaklary üçin gurlup ulanmaga berlen, halypa bagşymyz Sahy Jepbarowyň adyny hormat bilen göterýän ýörite sungat mekdebinde hem türkmen halkynyň köp asyrlyk sungaty bolan aýdym-sazyň dürli ugurlary, tans sungaty, şeýle-de şekillendiriş sungaty we dizaýn bölümleri boýunça ýaşlara ylym-bilim we hünär öwredilýär.

Türkmen halkynyň gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan milli aýdym-saz sungatynyň, milli dutar ýasamak senetçiliginiň, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi ýörite sungat mekdebimiziň bagtyýar talyp ýaşlary bilen bilelikde biz – mugallymlary hem diýseň buýsandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň: «Milli aýdym-sazlar göwünleri, kalplary birleşdirýär, medeni gatnaşyklar halklary biri-birine ýakynlaşdyrýar» diýen parasatly jümleleri dünýä halklarynyň kalbynda dostluga, ynsanperwerlige, parahatçylyga seslenýän müdimilik aýdym bolup ýaňlanýar. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, bagtyýar halkymyzyň röwşen geljegi üçin alyp barýan işleri hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Begsenem HOJANÝAZOWA,**
*Sahy Jepbarow adyndaky Arkadag şäher ýörite sungat mekdebiniň mugallymy.*

## SIRK SUNGATYNY ARŞA GALDYRAN HALYPA

Türkmenistan sirk sungatynyň meşhur wekilleriniň Watanydyr. Ýurdumyzda sirk sungatynyň rowaçlanmagyna uly goşant goşan ussatlaryň hatarynda Döwlet Hojabaýewiň hyzmaty aýratyn bellärliklidir. Ol 1929-njy ýylyň 25-nji oktýabrynda Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň Gyzylergenek obasynda dünýä inip, 1933-1936-njy ýyllar aralygynda Daşogzuň, Baýramalynyň we Aşgabadyň çagalar öýünde terbiýelenýär. 1937-1946-njy ýyllar aralygynda paýtagtymyzyň sazçylyk mekdebinde okaýar. Bu bilim ojagynyň gurnaklarynda geçirilen atly gezelençler, ýörişler, çapyşyklar ýaşajyk Döwlediň bu ugra yhlasynyň artmagyna uly badalga berýär. Ol sirk sungatynyň inçe syrlaryny, bedewleri saz gurallary arkaly sirk sahna oýunlaryna taýýarlamagyň usullaryny öwrenýär. Şeýlelikde, 1945-nji ýylda paýtagtymyzyň döwlet sirk sahnasynda «Türkmen jigitleri» toparynyň düzüminde çykyş etmek üçin 50 sany oglanyň içinden saýlanyp alynýar we at üstündäki oýunlary, böküşleri, maşklary, aýlawly hereketleri, tanslary ýekelikde we jübütleýin ýerine ýetirmekde iň ezber, berdaşly we çalasyn türgen hökmünde ykrar edilýär. Ol 1946-1952-nji ýyllar aralygynda «Türkmen jigitleri» atly toparynyň düzüminde ilkinji milli hünärmen hökmünde uly üstünlikleri gazanýar.

Döwlet Hojabaýew 1953-1955-nji ýyllar aralygynda Moskwada S.M.Budýonnyý adyndaky serkerdeleri taýýarlaýan Ýokary Harby polkda harby gulluk borjuny berjaý edýän döwründe hem atlary - gulluk bedewlerini ösdürip ýetişdirmeklige we idetmeklige uly üns berýär. 1956-njy ýylda ol «Türkmen jigitleri» toparynyň ýolbaşçysy wezipesine bellenip, toparyň atçylyk sungaty bilen bagly işini, ähli çykyşlaryny üç ugur - milli sazlaryň utgaşyklygynda türkmen bedewleriniň gatnaşmagynda türkmen jigitleriniň düzüminde görkezmek arkaly alyp barýar. 1957-nji ýylyň 28-nji iýulyndan 11-nji awgusty aralygynda Moskwada Ýaşlaryň bütindünýä VI festiwaly we halkara karnawaly geçirilýär. Ýer ýüzüniň ilatynyň ýaş nesilleriniň ykbalyna bagyşlanan, «Parahatçylyk we dostluk üçin» atly şygar astynda geçirilen ählumumy sungat baýramçylygyna dünýäniň 131 döwletinden 33000-den gowrak wekil gatnaşýar. Halkara sungat baýramçylygynyň sahnasynyň açylyş dabarasynda Döwlet Hojabaýewiň ýolbaşçylygyndaky milli lybasly «Türkmen jigitleri» atly toparyň watansöýüjiligi, mertligi, gaýduwsyzlygy wasp edýän joşgunly çykyşlary bütindünýä tomaşaçylaryny haýran galdyrýar. Milli sirk sungatynda täze çeperçilik mekdebi bolan atçylyk senediniň çykyşlaryny, däplerini dabaralandyrmaga işjeň gatnaşan Döwlet Hojabaýewiň ýolbaşçylygyndaky «Türkmen jigitleri» atly topara 1965-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan topary» diýen hormatly at berilýär. Ol sirk sungatynda halkara derejesinde ençeme gezek sylaglanan, sirk sungatyny esaslandyrmaga uly goşant goşan görnükli wekilleriň Annadurdy, Baýram, Batyr, Erkli, Laura Annaýewleriň, Artyk Çakanowyň, Pygy Baýramdurdyýewiň, Narly Kerimowyň, Arslan Annamyradowyň, Nesipjan Goçakowyň, Halyk Köşiliýewiň, Aýdogdy Kerkiýewiň, Sona Berdiýewanyň, Orazmuhammet Galkanowyň we olaryň nesil dowamatynyň bedewler bilen arzylanmagynda uly hyzmatlary bitirdi. Ol «Uzakdaky gelinlik», «Söýgülimiň ýaglygy», «Serhetdäki gozgalaň», «Aziýanyň ýaňy», «Sirk ýigitleri» atly çeper filmlerde hem türkmen bedewleri bilen baş keşpleri ýerine ýetirmekde meşhurlyk gazanýar. Ýer ýüzüniň 41 döwletiniň 59 şäherinde döredijilik saparlarynda, bäsleşiklerinde, ýaryşlarynda bolup, türkmen bedewleriniň sirk sungatyndaky şöhratyny arşa galdyrdy.



Halkara derejesinde çekýän zähmetine ýokary baha berlip, kölpleriň alkyşyny alan halypa 2019-njy ýylyň 26-njy sentýabrynda aradan çykýar. Milli sirk sungatynda ýokary ýerine ýetirijilik ussatlygyny kemala getirmekde, ösdürmekde we kämilleşdirmekde, atyň üstünde täsin, özüneçekiji, akrobatiki we teatral sahnalary guramakda, behişdi türkmen bedewleriniň şöhradyny dünýä ýaýmakda, kino sungatynda atlar bilen bagly sahnalary ussatlarça ýerine ýetirmekde gazanan ýeňişleri, köp ýyllaryň dowamynda çeken halal we tutanýerli zähmeti üçin 1957-nji ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti», 1962-nji ýylda «Türkmenistanyň halk artisti», 1985-nji ýylda «SSSR-iň halk artisti» diýen hormatly atlar dakylýar, Russiýa Federasiýasynyň «Zähmet edermenligi» medaly, «Hormat» ordeni we başga-da birnäçe döwlet sylaglary bilen sylaglanýar.

Nesillerde watançylyk duýgularynyň terbiýelenmegine, ýaşlarda kämil ahlak häsiýetleriniň kemala gelmegine, türkmen halkynyň guwanjy bolan bedewlerimiziň şöhratyny artdyrmaga uly goşant goşan halypalaryň, seýisçilik sungatynyň ussatlarynyň nusgalyk mekdebiniň gymmatlyklaryny öwrenmäge hemme mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, mertebeleri belent bolsun.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

## Parahatçylyk we ynanyşmak – umumadamzat gymmatlygy

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Halkymyz milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň daşyna mäkäm jebisleşip, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylyna turuwbaşdan uly ruhubelentlik bilen ynamly gadam basdy. Bu ýyl biz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyny giňden baýram ederis. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda düýpli gurluşyklar ýaýbaňlandyrylyp, beýik özgertmeler durmuşa geçirildi. Il-ýurt bähbitli özgertmeler degişli döwlet maksatnamalarynyň esasynda yzygiderli dowam etdirilýär. Döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly ylmy-filosofik eserinde: «Ata-babalarymyzyň «Gurýan döwlet gurpludyr», «Gurmak – gurplulykdan» diýen pähimlerini biz bu gün iş ýüzünde subut edýäris» diýip jaýdar bellemek bilen, milli gurluşyk pudagymyzy dünýä ülňülerine laýyklykda ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýändigini, bu ugurda ýurdumyzda halk bähbitli, umumadamzat ähmiýetli iri taslamalaryň amala aşyrylýandygyny aýratyn nygtaýar.



«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgeleriniň daşary syýasatda durmuşa geçirilmeginiň ýollary anyk kesgitlenen. Parahatçylygy üpjün ediji merkez hökmünde ykrar edilen Türkmenistan sebit hem-de halkara ähmiýetli möhüm meseleleri çözmekde işjeň orun eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde öňe süren başlangyçlarydyr teklipleri parahatçylygy hem-de howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryny iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça köptaraplaýyn tagallalary birleşdirmek üçin berk esasa öwrülýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarynyň mazmuny parahatçylyk we ynanyşmak, agzybirlik, bitewülik ýaly düşünjeleriň jemini emele getirýär. Bu şygarda halkymyzyň abadançylygynyň ýokarlandyrylmagyna, ýurdumyzyň kuwwatynyň has-da artdyrylmagyna gönükdirilen çagyryş bar. Alym Arkadagymyzyň jaýdar belleýşi ýaly, döwletara gatnaşyklary parahatçylykly ýol bilen berkitmek halkymyzyň oguz zamanyndan bäri ygrarly ýörelgesidir. Şol ýörelge häzirki wagtda döwrebap mazmunynda Garaşsyz türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklardaky üstünliklerinde wajyp orny eýeleýär. Parahatçylyk we ynanyşmak dürli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň mazmunynda möhüm orun alan gymmatlyklar bolup, olary ileri tutmak örän ähmiýetlidir.

**Jamal MANAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# EDEBIÝAT

*Aleksеý Tolstoý: «Gowy kitap edil akylly adam bilen söhbetdeşlik eden ýalydyr. Okyjy ondan bilim alýar, durmuşa düşünmegi öwrenýär».*

## Sankt-Peterburgda kitap sergisi geçiriler

Şu ýyl XXI Sankt-Peterburg halkara kitap sergisi 21-24-nji maý aralygynda geçiriler. Onuň esasy mowzuklary Russiýanyň halklarynyň agzybirligine, Peterburg medeniýetiniň ýylyna we Saltykow-Şedriniň doglan gününiň 200 ýyllygyna bagyşlanar. Bu barada Sankt-Peterburgyň wise-gubernatory Boris Piotrowskiý özüniň telegram-kanalynda habar berdi.



– Halkara kitap sergisinde we «Kitap seýilgählerinde» Saltykow-Şedriniň döredijiligine bagyşlanan ýörite ekspozisiýalary guramak isleýäris. Şeýle hem, iýul aýynda Merkezi medeniýet we dynç alyş seýilgähinde (ЦПКиО) geçiriljek Köçe teatrlarynyň festiwalynda Saltykow-Şedrine bagyşlanan aýratyn maksatnamamyz bolar – diýip, Piotrowskiý ýazdy. «2025-nji ýylda geçirilen XX Sankt-Peterburg kitap sergisi taryhdaky iň uly çäre bolupdy. Onuň wakalaryna dört günüň dowamynda 500 müňden gowrak adam gatnaşypdy, sosial ulgamlarda bu baradaky maglumatlar 11 milliondan gowrak gezek görüldi». Bu barada serginiň «Вконтакте» jemgyýetçilik torunda habar berilýär.

Geçen ýylky ýubileý kitap sergisi Beýik Ýeňşiň 80 ýyllygyna bagyşlanypdy.

## Okamak we ýazmak demensiýadan goraýar

Yzygiderli okamak, ýazmak we daşary ýurt dillerini öwrenmek demensiýanyň (akylyň kemelmegi) ýüze çykmak töwekgelçiligini tas 40% peseldip bilýär. Bu barada «The Guardian» neşiri amerikan alymlarynyň barlaglaryna salgylanyp habar berýär.

Alymlar sekiz ýylyň dowamynda 1939 sany uly ýaşly adama (ortaça ýaşy 80 töweregi) gözegçilik etdiler. Bu döwrüň içinde gatnaşyjylaryň 551-sinde demensiýa ýüze çykdy. Ömrüniň dowamynda köp okaýan, ýazýan we öwrenýän adamlar alsgeýmer keseli bilen has seýrek ýüzbe-ýüz bolýarlar.

Intellektual işjeňligi iň ýokary derejede bolan adamlarda alsgeýmer keseliniň töwekgelçiligi 38%, ýeňil kognitiw bozulmalaryň töwekgelçiligi bolsa 36% pes boldy. Mundan başgada, olarda keseliň alamatlary ortaça birnäçe ýyl giç ýüze çykdy.

Barlagyň awtory Andrea Zammit alnan netijeleriň örän ruhlandyryjydygyny mälim etdi. Onuň aýtmagyna görä, ömrüň dowamynda dürli intellektual taýdan höweslendiriji işlere yzygiderli gatnaşmak kognitiw funksiýalara (akyl ukyplaryna) täsir edip biler.

Mundan ozal, gündelik işjeňlik ritminiň bozulmagynyň we gijräk oýanyp-turmagyň uly ýaşly adamlarda demensiýanyň ösmek töwekgelçiligi bilen baglanyşykly bolup biljekdigi anyklanypdy.

## DUBLIN EDEBIÝAT BAÝRAGYNYŇ DALAŞGÄRLERI

2026-njy ýylyň Dublin edebiýat baýragynyň dalaşgärleriniň sanawyna 20 roman girizildi. Dublin şäher geňeşiniň goldawy bilen geçirilýän bu abraýly baýragyň (Dublin Literary Award) dalaşgärleriniň gysga sanawy 7-nji aprelde çap ediler, ýeňiji bolsa 21-nji maýda Dublin halkara edebiýat festiwalynyň dowamynda mälim ediler.

– Kitaphanalar we tutuş dünýädäki okyjylar bu baýragyň esasy binýadydyr. Men uzyn sanawda orun alan ýazyjylara üstünlik arzuw edýärin we okyjylary bu kitaplary ýerli kitaphanalardan ýa-da dükanlardan gözlemäge çagyrýaryn – diýip, Dubliniň baş kitaphanaçysy Meýred Ouens belledi.

**DUBLIN EDEBIÝAT BAÝRAGYNYŇ DALAŞGÄRLERI – 2026**

**«Creation Lake»** (Ýaradylyş köli), Reýçel Kuşner (amerkaly ýazyjy)

**«Dream Count»** (Arzuwaryň sany), Çimamanda Ngozi Adiçi (nigeriýaly ýazyjy)

**«Gliff»** (Gliff), Ali Smit (britaniýaly ýazyjy)

**«Good Girl»** (Oňat gyz), Aria Aber (owgan-nemes ýazyjysy)

**«In Late Summer»** (Tomsuň ahyrynda), Madalena Blažewiç (bosniýa-horwat ýazyjysy).

**«Intermezzo»** (Aralyk), Salli Runi (irland ýazyjysy)

**«Live Fast»** (Çalt ýaşa), Brižit Giraud (fransuz ýazyjysy)

**«Ordinary Saints»** (Adaty keramatlylar), Niw Ni Moiloýn (irland ýazyjysy)

**«Our Evenings»** (Biziň agşamlarymyz), Alan Hollinghurst (britaniýaly ýazyjy)

**«Perspectives»** (Perspektiwalar), Laurent Binet (fransuz ýazyjysy)




**«The Antidote»** (Zäher gaýtargyç), Karen Russel (amerikaly ýazyjy)

**«The Brittle Age»** (Döwlegen döwür), Donatella Di Pietrantonio (italiýaly ýazyjy)

**«The Creation of Half-Broken People»** (Ýarym synan adamlaryň ýaradylyşy), Siphiwe Gloria Ndlovu (zimbabweli ýazyjy)

**«The Echoes»** (Ses yzlary), Iwi Waýld (britaniýaly ýazyjy)

**«The Emperor of Gladness»** (Şatlyk imperatory), Oşen Wuong (amerikan ýazyjysy).

**«The Empusium»** (Empuzium), Olga Tokarçuk (polýak ýazyjysy)

**«The Original Daughter»** (Asylly gyz), Jemima Weý (singapurly ýazyjy).

**«There are Rivers in the Sky»** (Gökde derýalar bar), Elif Şafak (britan-türk ýazyjysy).

**«What I Know About You»** (Sen barada bilýänlerim), Erik Şakur (kanadaly ýazyjy)

Şeýle hem, asly ukrain bolan kanadaly ýazyjy Mariýa Rewa özüniň «Endling» (Soňky nesil) atly kitaby bilen bu sanawa girmegi başardy.

**BAÝRAK BARADA MAGLUMAT**

Dublin edebiýat baýragy 1996-njy ýyldan bäri dünýä edebiýatyndaky iň ýokary üstünlikler üçin berilýär. Ol asly iňlis dilinde ýazylan ýa-da iňlis diline terjime edilen çeper eser üçin 100 müň ýewro möçberinde pul sylagyny göz öňünde tutýar.

Eger ýeňiji bolan kitap iňlis diline terjime edilen bolsa, ýazyjy 75 müň ýewro, terjimeçi bolsa 25 müň ýewro alýar. Her ýyl dünýäniň dürli künjeklerindäki köpçülikleýin kitaphanalar öz dalaşgärlerini hödürlemäge çagyrylýar.

## NUSGAWY ESERLERIŇ GAÝTADAN GALKYNYŞY

Erih Mariýa Remark, Mariýa Korelli we Jek London 2025-nji ýylda daşary ýurt nusgawy ýazyjylarynyň ilkinji onlugynyň başyny çekdiler. Daşary ýurt nusgawy edebiýaty segmentinde 6 ýazyjy we 12 eser ýokary oňyn dinamika (10%-den köp) görkezdi diýip, «Eksmo-AST» neşirýat toparynyň metbugat gullugy habar berdi.



2025-nji ýylda iňlis ýazyjysy Korelli aýratyn tapawutlandy, onuň «Şeýtanyň gussasy» («The Sorrows of Satan») romanynyň satylyşy (2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende) 228% ýokarlandy we eserleriň reýtinginde birinji ýere çykdy. Mundan başga-da, Korelli awtorlaryň arasynda 248% ösüş bilen (2024-nji ýyla görä) Remarkdan soň ikinji ýeri eýeledi. Ýazyjylaryň arasynda üçünji ýer Jek Londona nesip etdi.

Şeýle hem şotland ýazyjysy we lukman Arçibald Kronininiň eserleriniň meşhurlygy 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 51% artdy. Reýtingde «Broudiniň galasy», «Ýyldyzlar aşak seredýär», «Sitadel» ýaly eserleri tapmak bolýar.

Şeýle hem Jon Steýnbekiň döredijiligine bolan gyzyklanma 37%, Brem Stokere bolsa 21% artdy. Onore de Balzagyň eserlerine gyzyklanma 21%, onuň «Otuz ýaşly zenan» romanyna bolsa 40% ýokarlandy.

Iogann Wolfgang fon Gýotäniň «Faust» eseri okyjylaryň ünsüni çekdi (+33%). Şeýle hem meşhur nusgawy kitaplaryň sanawynda: Mario Pýuzonyň «Atalyk» (+37%), Margaret Mitçelliň «Ýel bilen gidenler» (+11%) we Aleksandr Dýumanyň «Graf Monte-Kristo» (+21%) eserleri bar.

2025-nji ýylyň iň meşhur 50 awtorynyň sanawyna 2024-nji ýylky reýtingde bolmadyk atlaryň birnäçesi girdi: «Narniýanyň hronikalary» bilen tanalýan Klaýw Steýplz Lýuis, ýapon edebiýatynyň nusgawy ýazyjysy Osamu Dadzaý we filosof Žan-Pol Sartr.

**Täzegül ARAZMEDOWA,**
*Görogly etrabyndaky daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 65-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## HYTAÝYŇ TÄZE MAKSADY: «KITAPLY JEMGYÝET»

Hytaýyň Döwlet geňeşi tarapyndan taýýarlanan «Köpçülikleýin kitap okamagy ösdürmek hakyndaky düzgünler» 1-nji fewraldan resmi taýdan güýje girdi. Bu resminama Hytaýy dünýäniň iň köp okaýan we medeni taýdan ösen döwletine öwürmegi maksat edinýär.



Täze kanunçylyk diňe bir sowatlylygy däl, eýsem, jemgyýetde «kitaply gurşawyň» bolmagyny, ýagny her bir raýatda kitap okamaga bolan söýgini we endigi döretmegi göz öňünde tutýar. Meýilleşdirilýän çäreleriň arasynda howa we demir ýol menzillerinde hem-de ýaşaýyş toplumlarynda okaýyş nokatlaryny döretmek göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, ýerli häkimiýetlere bu ugurda ýörite serişde bölüp bermek borjy ýüklenip, aprel aýynyň dördünji hepdesi «Ählihalk okaýyş hepdeligi» diýlip yglan edildi.

Bilermenleriň pikiriçe, bu başlangyç soňky wagtlarda gysga wideolaryň we sanly platformalaryň täsiri bilen pese düşen kitap bazaryny janlandyrmak üçin zerurdyr. 2025-nji ýylda kitap söwdasy 10%-e golaý azaldy. Şol bir wagtyň özünde, täze düzgünler sanly platformalardaky we tora goýulýan eserlerdäki (fanfikler, onlaýn-romanlar) mazmuna döwlet gözegçiligini güýçlendirmäge hem mümkinçilik berer.

1949-njy ýylda Hytaýyň ilatynyň diňe 20%-i sowatly bolsa, häzirki wagtda bu görkeziji 100%-e golaýlady. Ýurtda 3200-den gowrak kitaphana we 100 müňden gowrak kitap dükany işleýär. Täze kanun bu gazanylan üstünlikleri hil taýdan täze derejä çykarmagy wada berýär.

**Bägül Kulamanowa,**
*Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Arkadag şäher komitetiniň partiýa guramaçysy.*

## Paýhaslar

☑ Bilim elden aldyryp bolmaýan ýeke-täk zatdyr.
*Reý Bredberi.*

☑ Kitap okamagy bes eden halk pikirlenmegi hem bes eder.
*Deni Didro.*

☑ Her bir beýik hekaýat arzuwdan başlanýar.
*Antuan de Sent-Ekzýuperi.*

☑ Dünýä optimistleriňkidir; pessimistler diňe tomaşaçylardyr.
*Bernard Şou.*

☑ Arzuwlar diňe arzuw bolup galmak üçin däldir.

☑ Tupana döz gelen adam, tupandan has güýçli bolar.
*Haruki Murakami.*

☑ Batyrlyk güýç däl-de, ädim ätmek ukybydyr.
*Jon Ronald Ruel Tolkin.*

☑ Töwekgelçilik asylly işdir. Ol dünýäni öňe itekleýär.
*Aleksandr Dýuma.*

☑ Durmuş – sen meýilnama düzüp ýörkäň, başyňa gelýän zatlardyr.
*Jon Lennon.*

☑ Her bir ynsan durmuşda öz kitabyny ýazýar.
*Wiktor Gýugo.*

☑ Bagt – barjak nokadyň däl-de, barýan ugruňdyr.
*Sidni Harris.*

☑ Iň uly akyldarlyk şu wagt bagtly bolmagy öwrenmekdir.
*Lew Tolstoý.*

☑ Kim bolup biljek bolsaň, şoňa öwrülmek üçin hiç wagt giç däldir.
*Jorj Eliot.*

☑ Bize güýç däl-de, elimizden tutjak dost gerek.
*Ernest Hemingueý.*

☑ Ynsan ýanynda öz ugrunda ýaşajak adamlary bolanda has güýçlüdir.
*Reý Bredberi.*

☑ Käwagt birje söz tutuş durmuşyňy üýtgedip biler.
*Klarissa Pinkola Estes.*

☑ Mähirli sözler gysga bolup biler, ýöne olaryň ýaňy ebedidir.
*Ene Tereza.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde



**Sakkara tapyndysy.** Müsüriň Sakkara nekropolynda bütinleý altyn bilen örtülen 4300 ýyllyk, seýrek mumyýa tapyldy. Möhri açylmadyk sarkofag, Gadymy patyşalyk döwrüniň täsin we syrly tapyndysy hökmünde taryha girdi. Toplumda Fetek atly şahsyýetiň gubury we agaçdan ýasalan seýrek reňkli heýkeljikler hem tapyldy. Täze tapyndylar we ieroglifler şol döwrüň däplerini düýpli öwrenmäge mümkinçilik berýär.



**Rembrandtyň ýiten eseri tapyldy.** Rembrandtyň 65 ýyllap ýiten «Zekeriýanyň ybadathanadaky görnüşi» atly eseri şahsy kolleksiýadan Reýksmýuzeum muzeýine getirildi. Bilermenler barlaglar arkaly suratyň 1633-nji ýyla degişli hakyky nusgadygyny resmi taýdan tassykladylar. Ussadyň bu naýbaşy eseri 4-nji martdan başlap Amsterdamdaky muzeýde görkezilip başlandy.



**Buz astyndaky gadymy dünýä.** Alymlar Antarktidanyň galyň buzuny deşip, 1 milliard ýyl ozalky Rodiniýa yklymyna degişli gadymy jynslary ýüze çykardylar. 18 kilometr çuňlukda emele gelen bu gatlaklar yklymyň geologik geçmişini we buzluklaryň hereketini has takyk öwrenmäge ýol açýar. Häzirki zaman geofiziki maglumatlary dünýäniň gadymy taryhy bilen ilkinji gezek şeýle takyklykda baglanyşdyrylýar.



**Hazary goramaga 2 million dollar.** Gazagystanyň Hökümeti Hazar ylmy-barlag institutyna deňiz monitoringini geçirmek we barlaghanalary enjamlaşdyrmak üçin 1,1 milliard teňňe (2,21 million ABŞ dollary) bölüp berdi. Premýer-ministriň karary bilen goýberilen bu serişdeler deňziň gidrometeorologik we biologik ýagdaýyny ulgamlaýyn öwrenmäge gönükdiriler. Bu çäre deňzi gorap saklamagyň ylmy binýadyny berkitmäge mümkinçilik berer.

**Mýanmada täze parlament işe başlaýar.** Mýanmanyň täze saýlanan parlamentiniň ilkinji mejlisleri ýakyn günlerde geçiriler we aprel aýynda wezipesine girişjek ýurduň täze



Prezidenti saýlanar. 2025-2026-njy ýyllarda geçirilen saýlawlaryň netijesinde Bileleşigiň raýdaşlyk we ösüş partiýasy parlamentde orunlaryň köpüsini eýeledi. «The Diplomat» žurnalynyň habaryna görä, parlamentiň aşaky palatasy 16-njy martda, ýokarky palatasy bolsa 18-nji martda öz işine girişer.



**Ägirt eskalator ulgamy açyldy.** Hytaýyň Çunsin şäherinde dünýäniň açyk asman astyndaky (905 metr) iň uzyn eskalator ulgamy ulanmaga berildi. «Uşan Hudaýy» diýlip atlandyrylýan bu desga ýolagçylary 242 metr belentlige çykaryp, ýol wagtyny 1 sagatdan 20 minuta çenli gysgaldýar. Häzirki wagtda synag hökmünde hyzmat edýän geçiş tölegi 3 ýuan (0,4 dollar) möçberinde bellenildi.

**«Airbus»-yň uçarlaryny sargyt eder.** Germaniýanyň Kansleri Fridrih Mers Hytaýyň 120 uçar sargyt etjekdigini we munuň strategik hyzmatdaşlygyň netijesidigini mälim etdi. Bu ägirt uly söwda iki ýurduň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary we özara ynamy has-da berkider diýlip garaşylýar. Mundan başga-da, täze şertnamalar geljekki bilelikdäki taslamalar we durnukly ykdysady ösüş üçin täze mümkinçilikleri açar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1521-nji ýylyň 6-njy martynda meşhur deňizçi Fernan Magellan ilkinji dünýä syýahaty döwründe Guam adasyny açýar. Bu waka Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky täze deňiz ýollarynyň öwrenilmeginde möhüm tapgyr bolup taryha girýär. Adanyň açylmagy Okeaniýa sebitiniň dünýä kartasynda peýda bolmagyna we medeni gatnaşyklaryň artmagyna ýol açýar. Magellanyň bu ekspedisiýasy Ýer şarynyň töwerekleýin gurluşynyň bardygyny iş ýüzünde subut eden taryhy wakadyr.**



# Kanada – Hindistan: gatnaşyklaryň täze tapgyry

Kanadanyň Premýer-ministri Mark Karni 10 gün dowam etjek Aziýa ýurtlaryna saparyna başlady. Hökümet Başlygy Awstraliýada we Ýaponiýada hem saparda bolar. Ol Kanada bilen Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da berkitmegi maksat edinýär.

Karni saparyna Hindistandan başlady. 2-nji martda Delide Kanadanyň Premýer-ministri Mark Karni bilen Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modiniň arasynda duşuşyk geçirildi. Duşuşygyň dowamynda Hindistan bilen Kanadanyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk hem-de söwda we maýa goýumlary ulgamynda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň ýollary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşykdan soň liderler bilelikdäki metbugat maslahatyny geçirdiler. Onda Modi Karniniň Hindistana saparyna we Hindistan bilen Kanadanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýokary baha berýändigini mälim etdi.



– Biz şeýle hem söwda dolanyşygynyň möçberini 2030-njy ýyla çenli 50 milliard dollara ýetirmek we hemmetaraplaýyn ykdysady hyzmatdaşlyk barada ylalaşyk baglaşylmagyny tizleşdirmek baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşdyk – diýip, Modi aýtdy. Ol Hindistan bilen Kanadanyň tehnologiýalar we innowasiýalar ulgamynda hyzmatdaşlardygyny nygtady. Kanadanyň emeli aň boýunça sammite goşan goşandyna salgylanyp, Modi Karnä çäräniň üstünlikli geçmegine ýardam berendigi üçin minnetdarlyk bildirdi.

Ol iki ýurduň kosmos, tehnologiýa we gazylyp alynýan tebigy baýlyklar boýunça hyzmatdaşlygy utgaşdyryp alyp barjakdyklaryny aýtdy. Modi ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykda daşky gurşawy goramagyň möhümdigini nygtady. Karni öz saparyny Hindistan-Kanada gatnaşyklarynda hyzmatdaşlygyň täze eýýamynyň başlangyjy diýip atlandyrdy.

Ol ýurtlaryň strategik energetika hyzmatdaşlygyna badalga berýändiklerini bellemek bilen, möhüm mineral serişdeler we arassa energiýa ulgamyndaky gatnaşyklary hem agzap geçdi.

– Biz Kanada bilen Hindistanyň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk boýunça öňe barýarys we oňa şu ýylyň ahyryna çenli gol çekmegi maksat edinýäris – diýip, Karni aýtdy. Şeýle hem ol bilim we medeni gatnaşyklary, şol sanda ýokary bilim ulgamyndaky gatnaşyklary berkitmäge gönükdirilen birnäçe ylalaşyklary yglan etdi.

3-nji martda Mark Karni Awstraliýa bardy. Bu ýurda saparynyň çäklerinde Premýer-ministr Entoni Albanezäniň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikleri geçirdi. Şeýle hem Karni Awstraliýa parlamentinde çykyş etdi.

Şu gün Kanadanyň hökümet Başlygy Mark Karni Ýaponiýa saparyna başlaýar. Bu ýurda saparynyň çäklerinde ol ýaponiýaly kärdeşi Sanae Takaiti bilen duşuşar.

# Wersalyň ýolbaşçysy Luwra bellendi

Fransiýada Luwr muzeýiniň direktory Lorans de Karyň wezipesinden çekilmeginden soň, bu wezipä Wersal köşk toplumynyň ýolbaşçysy Kristof Leribo bellenildi. Bu barada «Euronews» habarlar gullugy habar berýär.

Ýeliseý köşgünden mälim edilmegine görä, 62 ýaşly sungatşynas Leribonyň esasy wezipesi Luwruň howpsuzlygyny üpjün etmek we ony döwrebaplaşdyrmak, şeýle hem Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň Luwruň durkuny täzelemegi göz öňünde tutýan «Täze galkynyş» atly taslamasyny durmuşa geçirmek bolar. 2025-nji ýylda Prezident Makron Luwruň durkuny täzelemek üçin 800 million ýewro möçberindäki maksatnamany yglan edipdi.

Leribonyň 2024-nji ýyldan bäri ýolbaşçylyk edýän Wersal köşgüne hem täze direktor bellendi. Şol bir wagtda Orse muzeýine-de täze ýolbaşçy bellendi. Oňa Anik Lemoin ýolbaşçylyk eder. Orse muzeýiniň öňki direktory Silwen Amik 2025-nji ýylyň awgustynda aradan çykypdy.

Täze ýolbaşçylaryň bellenmegi Fransiýanyň medeni mirasyny gorap saklamak we muzeýleri geljekki nesiller üçin has elýeterli etmek ugrundaky strategik ädimleriň bir bölegi hasaplanýar. Şeýlelikde, ýurduň iň meşhur sungat ojaklary täze ýolbaşçylaryň dolan-



dyrmagynda öz ösüşiniň täze tapgyryna gadam basýarlar. Bu özgerişler Fransiýanyň dünýä medeniýetindäki ornuny has-da berkitmek we muzeýleri sanly asyryň talaplaryna laýyk getirmek ugrundaky giň gerimli özgertmeleriň möhüm bölegidir.

# Parlament saýlawlaryna taýýarlanýar

Wengriýa saýlaw kompaniýalaryna gadam basdy. Ýurtda parlament saýlawlary 12-nji aprelde geçiriler.

21-nji fewraldan başlap, dalaşgärleriň we olaryň toparlarynyň zerur mukdardaky gollary toplap, saýlaw býulleteninden ýer almaklary üçin berlen iki hepde wagty şu gün tamamlanýar. Kanun wagyz-nesihat plakatlaryny mugt ýerleşdirmäge rugsat berýär, kömekçi listowkalary bolsa etrap saýlaw komissiýalaryndan alyp bolýar.

Her bir dalaşgär, azyndan, 500 gol toplamaly we olary şu gün – 6-njy marta çenli (sagat 16:00-a çenli) saýlaw komissiýasyna tabşyrmaly. Saýlawçylaryň erkine täsir edip biljek islendik iş – plakatlardan we syýasy mahabatlardan başlap, göni aragatnaşyga we çykyşlara çenli saýlaw kampaniýasynyň bir bölegi hasaplanýar.

Pikir soralyşyklar, pikir soralyşygy geçirene baglylykda, dürli partiýalaryň ýeňiş gazanýandygyny görkezýär. Hökümete ýakyn sosiologlar häzirki Premýer-ministr Wiktor Orbanyň ýolbaşçylygynda dolandyrylýan



«Fides» partiýasyna artykmaçlyk berýärler. «Nežopont» instituty «Fidesiň» 46%, bäsdeş «Tisa» partiýasynyň bolsa 40% ses aljakdygyny mälim etdi. Beýleki tarapdan, garaşsyz pikir soralyşyklar «Tisanyň» durnukly artykmaçlygyny görkezýär.

# Russiýanyň öňdebaryjy sebitleri

Moskwa we Sankt-Peterburg 2025-nji ýylda durmuşyň hili boýunça Russiýa Federasiýasynyň sebitleriniň reýtinginde birinji we ikinji orunlary eýeleýär. Bu barada «RIA Nowosti» bilermenleriň geçiren barlaglarynyň netijelerine salgylanyp habar berdi.

Habarda bellenilişi ýaly, reýting durmuş şertleriniň we sosial ulgamyndaky umumy ýagdaýyň dürli taraplaryna baha berýän 66 sany görkezijiniň toplumlaýyn hasaba alynmagy esasynda düzüldi.

Sanawdaky ilkinji orunlary öňküsi ýaly Moskwa, Sankt-Peterburg we Moskwa oblasty saklap gelýär. Sebitleriň bu üçlügi eýýäm köp ýyllaryň dowamynda reýtingiň başyny çekýär we heniz hem özlerinden soň gelýän RF-niň beýleki subýektlerinden ep-esli öňe saýlanýar.

Ilkinji onluga şeýle hem Krasnodar ülkesi, Tatarystan Respublikasy, Rostow, Leningrad, Kaliningrad, Samara we Woronež oblastlary girýär.

Ilkinji onlukdaky sebitler ykdysady ösüşiň ýokary derejesi bilen tapawutlanýarlar, RF-niň subýektleriniň jemi sebit önüminiň 45 göteriminden gowragy şolaryň paýyna düşýär. Bu



sebitlerde 50,2 million adam ýaşaýar, bu bolsa Russiýanyň ähli ilatynyň 34 göterimine deňdir. Sebitleriň durmuş-ykdysady ýagdaýynyň reýtinginde bu subýektler däp bolşy ýaly, ýokary orunlary eýeleýärler.

# Sebitiň sanly merkezi döredilýär

Gazagystanda energetika kuwwaty 1 GWt çenli bolan, Merkezi Aziýada iň iri maglumatlary işläp taýýarlaýyş merkezleriniň kampusyny döretmek boýunça «Maglumat merkezleriniň jülgesi» taslamasy durmuşa geçirilýär.

Gazagystan Respublikasynyň Hökümetiniň metbugat gullugynyň habar bermegine görä, taslama 2026-njy ýylyň ýanwar aýynda Pawlodar oblastynyň Ekibastuz şäherinde ýola goýuldy we häzirki wagtda işjeň durmuşa geçirilme tapgyrynda durýar.



«Maglumat merkezleriniň jülgesiniň» işe girizilmegi Gazagystanda sanly infrastruktura we hasaplama kuwwatlyklary boýunça sebit merkezini kemala getirmäge, 30 milliard dollara çenli maýa goýumlaryny çekmäge hem-de 500-den gowrak ýokary hünärli iş ornuny döretmäge mümkinçilik berer.

Hökümet tarapyndan degişli düzümleýin we hukuk şertleri üpjün edilýär. Umumy meýdany 1,4 müň gektar bolan ýer bölekleri bölünip berildi. Döredilýän düzümiň möhüm bölegi halkara hyzmatdaşlary çekmek üçin kuwwaty 100 MWt bolan we geljekde giňeltmäge mümkinçiligi bolan «Greenfield» zolaklary bolar.

Taslamanyň durmuşa geçirilişiniň gidişi Premýer-ministr Olžas Bektenowyň başlyklyk etmeginde geçirilen maslahatda seljerildi.

# Islandiýa: ÝB-ne täze ädim

**Islandiýa ýakyn aýlarda Ýewropa Bileleşigine agza bolmak baradaky gepleşikleri täzeden başlamak boýunça referendum geçirer. Bu barada Premýer-ministr Kristrun Frostadouttir Polşa amala aşyran sapary wagtynda mälim etdi.**

**– Biz ýakyn aýlarda Islandiýanyň Ýewropa Bileleşigine agza bolmak baradaky gepleşiklere başlamalydygyny ýa-da başlamaly däldigini kesgitlejek referendum geçireris – diýip, Premýer-ministr Frostadouttir 25-nji fewralda Polşanyň Premýer-ministri Donald Tusk bilen bilelikde geçirilen metbugat maslahatynda aýtdy.**

**Islandiýa eýýäm ÝB-niň bitewi bazarynyň, Şengen zolagynyň we Ýewropanyň erkin söwda assosiasiýasynyň agzasydyr.**

**Şunuň bilen birlikde, bu referendum ýurduň geljekki ykdysady ugruny we Ýewropa bilen bolan integrasiýasyny has-da güýçlendirmekde möhüm ädim hasaplanýar. Şeýlelikde, islandiýaly**



**saýlawçylaryň berjek sesleri adanyň diňe bir ykdysady däl, eýsem, syýasy geljegini hem kesgitläp biler. Bu syýasy başlangyç Islandiýanyň Ýewropa bilen gatnaşyklaryny täze derejä çykarmak we halkara giňişligindäki ornuny berkitmek ugrundaky strategik meýilleriniň aýdyň subutnamasydyr.**

# Möhletinden öň saýlawlar

**Daniýanyň Premýer-ministri Mette Frederiksen ýurtda 24-nji martda möhletinden öň parlament saýlawlarynyň geçiriljekdigini mälim etdi. Saýlawçylar Daniýanyň parlamenti bolan Folketingiň täze wekillerini kesgitlärler. 179 ornuň 175-si Daniýanyň okruglaryna wekilçilik edýän deputatlar üçin bellenendir. Galan dört mandat Daniýa Patyşalygynyň iki awtonom çäkleriniň – Grenlandiýanyň we Farer adalarynyň kanun çykaryjylarynyň arasynda paýlanýar.**

**– Indi Daniýanyň indiki dört ýylda haýsy ugurda hereket etjekdigini siz, saýlawçylar, çözmeli. Men muňa sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn – diýip, Mette Frederiksen belledi.**

**Daniýanyň kanunçylygyna görä, saýlawlar azyndan dört ýylda bir gezek geçirilýär, ýöne Premýer-ministre saýlawlaryň wagtyny süýşürmek hukugy berilýär. Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolan bu ýurtda iň soňky saýlawlar 2022-nji ýylyň noýabrynda geçirilipdi, netijede çepçiler bilen sagçylaryň arasyndaky gapma-gaşylygy ýeňip geçen üç partiýaly koalisiýa döredilipdi.**



**Çepçi-merkezçi sosial-demokrat Mette Frederiksen 2019-njy ýylyň ortalaryndan bäri ýurda ýolbaşçylyk edýär. Hökümetiň düzümine häzirki goranmak ministri Troels Lund Pulseniň ýolbaşçylygyndaky Liberal partiýa we daşary işler ministri Lars Lökke Rasmusseniň ýolbaşçylygyndaky merkezçi «Aram» partiýasy girýär.**

# Dünýäniň iň köp girilýän 20 saýty

**2026-njy ýylda dünýä tory maglumat gözleginden başlap, söwda çenli milliardlarça adamyň onlaýn işjeňliginde esasy ugry kesgitleýän az sanly platformalarda jemlendi. «Google» we «YouTube» internet ulanyjylarynyň uly bölegini öz ygtyýarynda saklap, bäsdeşsiz liderler bolmagynda galýarlar.**

**Emma landşaft üýtgeýär: gündelik gurala öwrülen «ChatGPT»-niň çalt depginli ösüşi emeli aňyň güýjüni görkezýär. «Semrush» kompaniýasynyň ýanwar aýyndaky maglumatlaryna görä, gözleg ulgamlary we wideoplatformalar öňküsi ýaly agdyklyk edýärler. «Google» ýeke özüniň çekýän ulanyjylar sany boýunça özünden soňky gelýän bäş saýtyň jeminden hem öňe geçýär. «YouTube» bolsa dünýäniň iň esasy wideo platformasy hökmündäki ornuny has-da berkidýär.**

**«Bing» we «DuckDuckGo» ýaly beýleki gözleg ulgamlary, şeýle hem «Yahoo» portallary gözleg hyzmatlarynyň ähmiýetiniň henizem ýokarydygyny subut edip, ilkinji 20-ligiň hatarynda öz ornuny berk saklaýarlar. Esasy bellemeli zatlaryň biri hem «ChatGPT»-niň 5,5 milliard gezek girilmegi bilen öňdeligi saklaýan ilkinji bäşlige girmegidir. Onuň işe girizileninden bäri görkezen ajaýyp ösüşi emeli aňyň mazmun döretmekden başlap, programmirlemä çenli ähli iş akymlaryna çuňňur ornaşandygyna şaýatlyk edýär.**

**Jemgyýetçilik torlary hem esasy orny eýeleýär: «Facebook» we «Instagram» ilkinji bäşlige girýär, «X» we «TikTok» bolsa ep-esli auditoriýasyny saklap galýar. Elektron söwdanyň iri «oýunçylary» bolan «Amazon» we «Temu» onlaýn söwdanyň gerimini görkezýär. «Netflix» we «Weather» ýaly güýmenje hem-de maglumat beriji çeşmeler durnukly suratda ulanyjylary çekýär.**

**Amerikan kompaniýalarynyň agdyklyk etmegine garamazdan, reýtinge Hytaýyň, Kanadanyň we Fransiýanyň wekilleri hem sanawa girýär, bu bolsa sanly ekoulgamyň global häsiýete eýedigini tassyklaýar.**





# 8-nji mart – Halkara zenanlar güni

Her ýylyň 8-nji martynda aýal-gyzlaryň halkara baýramçylygy bellenilip geçilýär. 1975-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy 8-nji marty resmi taýdan Halkara zenanlar güni diýip yglan edýär. Aýal-gyzlaryň deňhukuklylygyny, erkinligini gorap saklamak maksady bilen döredilen bu halkara baýramçylyk dünýäde her ýyl bir şygar astynda geçirilýär. Bu ýyl Halkara zenanlar güni «Hukuklar. Adalatlylyk. Hereket. Ähli aýal-gyzlar üçin» diýen şygar astynda geçýär. Şu mynasybetli, 9-njy martda ÝUNESKO-nyň ştab-kwartirasynda gender deňligini goldamak boýunça anyk we netijeli ädimleri ara alyp maslahatlaşmak üçin ýokary derejeli halkara duşuşyk guralar.

Halkara zenanlar güni mynasybetli BMG tarapyndan dünýäniň birnäçe ýurdunda konferensiýalar, köpçülikleýin çäreler geçirilýär. Çykyşlarda gozgalýan esasy temalar aýal-gyzlaryň deňhukuklylygy, halkara guramalar bilen haýyr-sahawat edaralarynyň işinde zenanlaryň hukugy we orny, zenanlara jemgyýetde öz ornuny tapmagy hem-de ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirmekleri üçin oňaýly şertleri döredip bermek bolup durýar.

Halkara zenanlar güni 100-den gowrak ýurtda bellenilýär. Baýramçylyk günleri ýurdumyzda hem birnäçe dabaralar, maslahatlar, baýramçylyk konsertleri guralýar. Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň zenanlaryna hormatly Prezidentimiziň adyndan pul sowgatlary berilýär. Şeýle hem köp çagaly zenanlara «Ene mähri» diýen hormatly adyň nyşany gowşurylýar.

Gadyrly gelin-gyzlar, mähriban eneler, 8-nji mart – Halkara zenanlar güni gutly bolsun!




# TÜRKIÝÄNIŇ OWADAN JÜLGESI

Ýewropanyň we Aziýanyň çatrygynda ýerleşýän Türkiýe tebigy täsinliklere we syýahatçylyk merkezlerine baý ýurtlaryň biri hasaplanýar. Pamukkale, Antalýa, Kemer, Bodrum, Marmaris, Efes, Stambul ýurduň iň owadan ýerleri bolup, şolaryň arasynda Kapadokiýa köpçüligiň ünsüni has-da özüne çekýär. 1985-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Kapadokiýa Göreme jülgesi bilen meşhurdyr. Syýahatçylaryň iň gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan bu jülgäniň tutýan meýdany 99 inedördül kilometre barabar. Türkiýäniň romantik jülgesi ak peýzažy, gowak şäheri, dik gaýalary we howa şarlary bilen tapawutlanýar.



Depesi täçli gyzyl dag gaýalary (Peri bacalar) bilen meşhurlyk gazanan Kapadokiýa Ýer ýüzündäki iň owadan jülgeleriň biridir. Alymlaryň bellemegine görä, owadan gaýalar wulkanyň atylmagy, ýagnyň we ýeliň täsiri netijesinde, müňlerçe ýylyň dowamynda emele gelipdir. Kapadokiýa pars dilindäki «katpaktukýa» sözünden gelip çykyp, «owadan atlaryň ýurdy» diýmegi aňladýar. Takmynan, 1200-nji ýyllarda bu ýerde käbir taýpalar gaýalaryň içini oýup, jaý ýasap başlaýarlar. Gapysy, penjireleri we basgançaklary bolan gowaga meňzeş bu jaýlar çeper esere meňzeýär. Kapadokiýada syýahatçylar üçin kaşaň gowak myhmanhanalary hem bar. Özüne çekiji bu sebitde möwsümleýin şar festiwallary hem-de käbir dabaralar geçirilýär.

# Martenisa – bolgarlaryň gadymy baýramy

Balkan ýarym adasynda gadymy döwürlerden bäri bellenip gelinýän baýramlaryň biri hem martenisadyr. Bahar paslynyň buşlukçysy hasaplanýan bu baýram tebigatyň täzeden janlanmagyny, saglygy, bagty we şowlulygy alamatlandyrýar. Baýramçylyk däbine görä, balkanlar mart aýynyň gelmegi bilen pyntyklap, gül açyp ugran agaçlardan gyzyl we ak sapaklardan örülen goşarlyk (alaja meňzeş bezeg esbaby) asýarlar.



Bolgar halk döredijiliginde martenisa barada dürli rowaýatlar bar. Däbe görä, 1-nji martda bolgarlar ýakynlaryna we dostlaryna «martenisa» atly örme goşarlyklary sowgat berýärler. Başgaça penda ýa-da pižo diýilýän ak-gyzyl ýüpler bahar paslynyň nyşany hasaplanýar. Bolgarlar pendany garlawaç ýa-da leglek görünýänçä goşaryna dakyp gezýärler. Mart aýynyň ahyrynda bolsa, goşaryndan aýryp, bezeg hökmünde miwe berýän agaçlara daňýarlar. Balkan ýarym adasyndaky ähli ýurda ýaýran bu baýramçylyk günleri köçäniň ugrundaky agaçlara hem martenisa daňylýar. Daglyk sebitiň ýaşaýjylary köne däbe görä, ak-gyzyl sapakdan örülen bezegleri agaçdan aýranlaryndan soň, uly daşyň aşagynda gizleýärler we arzuwlarynyň hasyl bolmagy üçin dileg edýärler. Martenisada ulanylýan ak sapak uzak ömri, gyzyl sapak bolsa, güýji, saglygy we abadançylygy alamatlandyrýar.



# Finik hurmasynyň saglyga peýdasy



Oraza aýynda saçagyň aýrylmaz nygmatlarynyň biri bolan hurma beýnini işjeňleşdirýär, süňk saglygyny goraýar, güýç-kuwwat berýär. Agzaçar wagty hurma iýilmegi ýöne ýerden däl. Sebäbi düzüminde köp mukdarda tebigy şeker (fruktoza) saklanýan bu miwe bedene çalt energiýa berip, gandaky şekeriň derejesini deňleşdirmäge ýardam edýär. Finik hurmasynyň düzümindäki witaminler, minerallar we antioksidantlar düwnük keseliniň döremek howpuny azaldyp, ýürek-damar ulgamyny we öýkeni goraýar. Ýatkeşligi güýçlendirýän bu miwe iýmit siňdiriş ulgamynyň işini ýeňilleşdirýär. Şeýle hem deriniň garramagynyň öňüni almaga ýardam edýär. Guradylan hurmanyň kaloriýasy täze ýygnalanyndan has ýokary bolup, kişmiş we injir ýaly gury ir-iýmişlere meňzeýär.

Hurmanyň düzümindäki sulfit birleşmesi käbir adamda allergiýa döredip biler. Agyz boşlugynda gyjynma duýulsa, asgyrmak we burnuň akmagy ýaly allergiýa alamatlary ýüze çyksa, hurma iýmekden saklanmaly. Şeýle hem hurma düzüminde köp mukdarda şeker saklanýandygy sebäpli, süýjüli diabeti bolan adamlara köp iýmek maslahat berilmeýär. Bilermenler çagasyny iýmitlendirýän we göwreli zenanlar üçin hurmanyň örän peýdalydygyny belleýärler.

Saud Arabystany, Kuweýt, Alžir finik hurmasyny iň köp sarp edýän ýurtlar bolup, her ýyl dünýäde 10 million tonna guradylan hurma öndürilýär.

Ýer ýüzünde Eýfel diňiniň 50-den gowrak nusgasy bar.

## ÇAGALAR DÜNÝÄSI

# Dünýäde näçe sany Eýfel diňi bar?



**Dünýäniň käbir meşhur şäherlerinde ýüzlerçe ýyldan bäri ähmiýetini ýitirmän gelýän binalar bar. Şolaryň biri hem Pariždäki Eýfel diňidir. Fransiýanyň paýtagtynyň nyşany hasaplanýan Eýfel diňi 1889-njy ýylda şäherde geçiriljek Bütindünýä sergi mynasybetli gurulýar. Beýikligi 300 metrden geçýän, polat gurluşlardan düzülen bina esasy üç bölekden ybarat. Dünýäniň iň köp syýahatçy kabul edýän binalarynyň arasynda hemişe öňdeligi eýeleýän Eýfeliň ýokarsyndan şäheri synlamak isleýän myhmanlar birnäçe sagat nobata durmaly bolýarlar. Onuň depesine liftli hem-de basgançaklardan çykyp bolýar. Ilkibaşda wagtlaýyn gurlandygyna garamazdan, bu binany köpçüligiň halamagy bilen ony saklap galýarlar.**

Eýfel diňiniň asyl nusgasynyň Parižde ýerleşýändigine garamazdan, «A» harpyna meňzeş uzyn binanyň dürli şäherlerde göçme nusgalary hem bar. ABŞ-da, Ýaponiýada, Angliýada, Pakistanda, Hytaýda, Braziliýada, Meksikada, Germaniýada we Russiýada Eýfel diňiniň öýkünme nusgalaryny görmek bolýar. Ýer ýüzünde Eýfel diňiniň 50-den gowrak nusgasy bar.

- 1894-nji ýylda Angliýada Eýfel diňinden ylham alnyp 158 metr beýiklikdäki Blekpul diňi gurulýar. Ýokarsynda şäheri synlaýyş meýdançasy bolan bu binanyň çäginde kinoteatr, tans meýdançasy, sirk we sergi zaly bar.
- 1958-nji ýylda Tokioda 333 metrlik ak-gyzyl reňkli Eýfel diňi gurulýar. Asyl nusgadan beýik bolan bu bina teleradio diňi bolup, «Tokio diňi» diýlip atlandyrylýar. Mundan başga-da, Ýaponiýada Eýfele meňzeş kiçi nusgadaky diňleriň birnäçesi bar.
- 1995-nji ýylda ABŞ-nyň Las-Wegas şäherinde Eýfele meňzeş diň we Pariždäki jaýlara meňzeş binalar toplumy gurulýar. Las-Wegasdaky Eýfeliň beýikligi Pariždäkiniň ýarysyna (165 m) barabar. ABŞ-nyň iň köp syýahatçy kabul edilýän şäherinde 1995-nji ýylda Eýfel diňi we Pariždäki beýleki binalar hem gurulýar. Bu bina Las-Wegasda has köp syýahatçy kabul etmek maksady bilen gurulýar.
- 2007-nji ýylda Hytaýyň Hançžou şäherinde hem şeýle bina gurulýar. Bu ýerde diňe Eýfel däl, eýsem, Pariž şäherindäki jaýlaryň, çüwdürimleriň we seýilgähleriň hem meňzeşleri gurulýar. Binanyň töwereginde 10 müň ilatyň ýaşamagyna niýetlenen binalar toplumy hem bar. Beýikligi hakyky Eýfeliň üçden birine barabar bolan «Tianducheng» diňi şäheri has-da owadan görkezýär. Bu ýerde nika dabaralary geçirilýär.
- Meksikanyň Durango ştatyndaky Gomes-Palasio şäherinde hem 150 metr beýiklikde «Torre Eiffel» diňi bar. Şäheriň meşhur meýdançasy hasaplanýan bu ýerde gezelenç etmek bilen bir hatarda, surat çekmek bäsleşikleri geçirilýär.

# Igdä meňzeş miwe

Palmalar maşgalasyna degişli bolan finik agajy, esasan, gurak sebitlerde ösdürilip ýetişdirilýär. Haýal ösýän, emma uzak ýaşaýan bu agajyň boýy 30 metre çenli ýetýär. Arkasy tikenli, uzyndan inçe çal ýapraklary bolan finik agajy iki jynsly bolýar. Demirgazyk Afrikada we Ýakyn Gündogarda 6 müň ýyldan gowrak wagtdan bäri ösdürilip ýetişdirilýän uzyn agaç bir asyrdan gowrak ýaşap bilýär.





Palmalaryň «arecaceae» maşgalasyna degişli bolan finik agajy Portugaliýada, Ispaniýada, Ortaýer deňzi kenarlarynda we Günorta Kaliforniýada ösdürilip ýetişdirilýär. Finik agajy ekilenden soň 4-8 ýyl aralygynda hasyl berip başlaýar. Hasyl möwsüminde her düýbünden 70-140 kilogram hurma alyp bolýar. Inçejik hurmany guşlar we beýleki mör-möjekler iýýändigi sebäpli, bişmezden öň finik agajynyň şahalary uzyn haltajyklar bilen örtülýär.

Tropik we subtropik howa uýgunlaşan finik agajy igdä meňzeş miwesi bilen tanalýar. Finik hurmasy diýlip atlandyrylýan bu miwe ýygnalyp guradylandan soň köpçülige hödürlenilýär. Miwäniň reňki sarymtyl-gyzyl ýa-da garamtyl-goňur bolýar. Finik hurmasynyň düzüminde 63-64% şeker, A, E, K, B witaminleri, uglewod, kaliý, magniý, demir we süýüm saklanýar. Ýokumlylygy bilen tapawutlanýan bu miwe latynça «götermek», grekçe bolsa «barmak» diýmegi aňladýar.

Finik hurmasy adatça içi çigitli we çigitsiz görnüşde eksport edilýär. Oraza aýynda iň köp iýilýän süýji nygmatlaryň biri bolan kiçijik hurmanyň üsti bally ýa-da şokoladly görnüşleri hem satylýar. Inçejik hurmanyň çigidi üwemek arkaly kosmetikada we dermatologiýada ulanylýar. Mundan başga-da, käbir ýurtlarda kofe goşundysy hökmünde hem peýdalanylýar. Finik hurmasy köp halkyň medeniýetinde ekerançylygyň nyşany hasaplanýar.

# Kimde-kim bir agaç ekse ýadygär...

Dünýäde «Ýeriň öýkeni» hasaplanýan tokaýlaryň esasy bölegi Braziliýada, Kanadada, ABŞ-da we Hytaýda ýerleşýär. Tokaýlar diňe bir howany arassalamak bilen çäklenmän, eýsem, janly-jandarlaryň ýaşamagy hem-de adamlaryň tebigatda oňaýly dynç almagy üçin şert döredýär. Tokaýlarda agaçlaryň müňden gowrak görnüşi ösýär. Sosna, dub, klýon we tut dünýäde iň köp ekilýän agaçlar bolup, gözel tebigaty emele getirýär. Ata-babalarymyz agaç ekmegiň sogaply işdigini belleýärler. Oguz handan gaýdýan ýörelgä görä, her adam her ýyl iki düýp agaç ekmeli. Olaryň bir düýbi ötengeçenleriň hatyrasyna, beýlekisi geljek nesiller üçin. Ýurdumyzda agaç nahallary adatça güýzüň ahyryna (noýabr-dekabr) we ýaz paslynyň başyna (fewral-mart) ekilýär. Şu günler agaç ekmegiň tüýs wagty hasaplanýar.



**Mähriban çagalar, eýsem, siz agaç ekip gördüňizmi?! Agaçlara ideg etmegi, alma, erik, üzüm ýaly öz eken agajyňyzyň miwesini iýmegi halaýaňyzmy?! Geliň, onda agaç ekmek bilen bagly käbir düzgünleri öwreneliň!**

Ekmek isleýän agajyňyzyň düýp tutmagy we boý almagy üçin agaç nahalynyň köküinden üç esse giň çukur gazmaly. Çukuryň beýikligi agajyň üçden bir bölegine deň bolmaly. Agajy çukura ýerleşdirip, gumy owradyp pil bilen düýbüne guýmaly. Emma bagyň düýbüne guýlan topragyň üstünden basyp depgilemeli däl. Sebäbi agajyň köküne suw we howa ýeterlik baryp bilmeýär. Agajyň köki gum bilen doly ýapylandan soň, çukura dolýança suw guýmaly we biraz garaşmaly. Suwy siňenden soň, toprak çöküşýär we düşýär. Soňra ýene-de çukur dolýança gum guýmaly. Agajyň düýbüne guýlan suwy saklamak üçin gumdan tegelek edip germew etmeli. Eger eken agajyňyz has uzyn bolsa, artykmaç şahalaryny kesip, boýuny biraz gysgaltmaly. Bu agajyň baldaklaryny iýmitlendirmegine we kadaly düýp almagyna ýardam edýär. Täze ekilen agajyň düýbüne ders çüýrüntgisini ýa-da mineral dökün dökmeli däl. Agajyň gowy düýp almagy üçin her 2-3 günden suwaryp durmaly. Eger siz ilkinji gezek agaç ekýän bolsaňyz, ulularyň kömeginden hem peýdalanyp bilersiňiz. Agaç ekip bolanyňyzdan soň, piliňizi arassalap goýmagy we eliňizi sabynlap ýuwmagy ýatdan çykarmaň!

## Gyzykly pursat



## Labirint



## 10 tapawudy tapyň!





## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



# Ýene-de «Real Madrid» bilen «Mançester Siti» duşuşar

UEFA Çempionlar Ligasynyň 1/8 finalynyň bijeleri çekildi. Bu kubogy iň köp eýelän «Real Madrid» ýene bir ýola Angliýanyň «Mançester Siti» topary bilen duşuşar. Iki topar mundan öň 15 gezek gabatlaşypdylar we hersiniň



5 ýeňşi bar. Iki topar soňky 6 möwsümde diňe 1 möwsümde gabatlaşmadylar. 2019/20, 2021/22, 2022/23, 2023/24, 2024/25 möwsümlerinde utulan-çykdy oýunlarynda özara duşuşan «Real Madrid» bilen «Mançester Siti» ondan öňem 2012/13 hem-de 2015/16 möwsümlerinde-de özara güýç synanyşypdylar.

Bijä laýyklykda, kubogyň soňky eýesi PSŽ topary «Çelsi» bilen duşuşar. Pleý-offda «Ýuwentusy» ýaryşdan çykaran «Galatasaraý» toparynyň bijesine «Liwerpul» kluby düşdi. 2 topar liga tapgyrynda-da gabatlaşypdy we türk kluby 1–0 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Umumylykda ,mundan öňki 5 oýnuň 2-sinde iňlisler, 1-inde türkler ýeňiş gazanyp, 2 duşuşyk deňlikde tamamlandy.

Ýaryşdaky ýeke-täk italýan wekili «Atalanta» çempionlygyň esasy dalaşgärleriniň biri bolan «Bawariýa» bilen bije çekişdi. Bu olaryň arasyndaky ilkinji 2 duşuşyk bolar.

Madridiň «Atletikosy» hem iňlis kluby «Tottenham» bilen çärýek finala çykmak üçin özara göreşer. Bu olaryň özarasyndaky 2–3-nji duşuşyklar bolup, mundan öňki ýeke-täk oýunda «Tottenham» 5-1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

1/8 finalyň garaşylmadyk topary, pleý-offda geçen möwsümiň finalçysy «Interden» 2 oýunda-da üstün çykan «Bude-Glimt» toparynyň indiki garşydaşy Portugaliýanyň «Sporting» topary boldy.

«Nýukaslyň» garşydaşy «Barselona» bolup, iki klub liga tapgyrynda-da duşuşypdy we katalonlar şol oýunda 2–1 hasabynda üstün çykypdy. Iki topar umumylykda 5 gezek duşuşyp, «Barselona» şolaryň 4-sinde ýeňiş gazandy.

«Baýer» topary liga tapgyryny ýeke utuk hem ýitirmän tamamlan «Arsenal» bilen güýç synanyşar. «Arsenalyň» 1 ýeňşi bolup, beýleki oýun deňlikde tamamlandy.

1/8 finalyň 1-nji oýunlary 10–11-nji martda, jogap duşuşyklary bolsa 17–18-nji martda geçiriler.

**1/8 finalyň bijeleri:**
Pari Sen-Žermen – Çelsi
Galatasaraý – Liwerpul
Real Madrid – Mançester Siti
Atalanta – Bawariýa
Nýukasl – Barselona
Atletiko – Tottenham
Bude-Glimt – Sporting
Baýer – Arsenal



# Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynyň bijeleri çekildi

UEFA-nyň 2–3-nji derejeli ýaryşlary bolan Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynda 1/8 finalyň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda, Ýewropa Ligasynda italýan derbisinde «Bolonýa» bilen «Roma» duşuşar. Şeýle-de, «Ştutgartyň» garşydaşy «Porto» topary boldy. «Lill» bilenem «Aston Willa» klublary bije çekişdi. «Selta» bilenem «Lion» topary özara duşuşarlar.

Konferensiýa Ligasynda «Şahtýoryň» (Donesk) bäsdeşi «Leh Poznan» bolup, «Fiorentina» pleý-off tapgyryndan soň ýene bir polýak topary – «Rakuw» bilen bije çekişdi. «Kristal Palas» bilen Kipriň «AEK Larnaka» topary duşuşar.

**Ýewropa Ligasynyň 1/8 finalynyň bijeleri:**
Ferenswaroş – Braga, Panatinaikos – Betis, Genk – Fraýburg, Ştutgart – Porto, Nottingam Forest – Midtýullann, Bolonýa – Roma, Lill – Aston Willa, Selta – Lion



**Konferensiýa Ligasynyň 1/8 finalynyň bijeleri:**
Leh Poznan – Şahtýor Donesk, AZ Alkmaar – Sparta Praga, Kristal Palas – AEK Larnaka, Fiorentina – Rakuw Çenstohowa, Samsunspor – Raýo Wallekano, Selýe – AEK Afiny, Sigma Olomous – Maýns, Riýeka – Strasbur

# «Barselonanyň» ýeňşi finala çykmak üçin ýeterlik bolmady

Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynda ilkinji finalçy belli boldy. 1-nji oýunda Madridde «Barselonany» 4–0 hasabynda ýeňen «Atletiko» finala adyny ýazdyrdy. «Spotify Kamp Nou»-da oýnalan jogap duşuşygynda katalonlar 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýöne bu ýeňiş olaryň finala çykmagy üçin ýeterlik bolmady. Duşuşykda «Barselonanyň» gollaryny Bernal (29, 72) bilen Rafinýa (45+5 p) derwezä girizdi. Şunlukda, 2 oýnuň netijesi boýunça 4–3 hasabynda üstün çykan «Atletiko Madrid» 13 ýyldan soň 20-nji gezek finala çykdy.





Kubogy 10 gezek eýelän «Atletikonyň» finaldaky garşydaşy «Real Sosiedad» boldy. San-sebastianlylar ýarym finalda «Atletik Bilbao» toparyny ýaryşdan çykardy. Myhmançylykdan soň öz meýdançasynda-da 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Sosiedadyň» ýeke-täk goluny 87-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Oýarzabal geçirdi. Şeýlelikde, «Real Sosiedad» 6 ýyldan soň 7-nji gezek finala çykdy. Olar kubogy 2 gezek gazanypdylar. «Atletiko» bilen «Real Sosiedadyň» arasyndaky final duşuşygy 18-nji aprelde Sewilýa şäherinde geçiriler.

### 1-nji oýunlar deňlikde tamamlandy

● Italiýanyň Kubogy ýaryşynda-da ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. 2 duşuşykda-da ýeňiş gazanan bolmady.

«Komo» bilen «Interiň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. Rimde «Lasio» bilen «Atalantanyň» duşuşygynda 4 gol hasaba alyndy. Ýer eýeleri «Lasio» 2 gezek öňe saýlansa-da, myhmanlar her gola dessine jogap bermegi başardy (2–2; Dele-Başiru 47, Dia 87 — Paşaliç 51, Musa 89).

Jogap duşuşyklary 21-22-nji aprelde oýnalar.

# Bezzekki möwsüme ýeňiş bilen başlady



**Moto GP boýunça täze 78-nji möwsümiň 1-nji ýaryşy Tailandda geçirildi. Ýurduň Buriram şäherinde geçirilen ýaryşy 39 minut 36,270 sekuntda tamamlan «Aprilia Racing» toparynyň italýan sürüjisi Marko Bezzekki ýeňiji boldy. Bu onuň karýerasy boýunça 7-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşda Bezzekkiden 5,5 sekunt yza galan ispaniýaly Pedro Akosta («Red Bull KTM Factory Racing») 2-nji, 9,2 sekunt soň pellehaha gelen başga bir ispan sürüjisi Raul Fernandes («Trackhouse MotoGP») 3-nji orny eýeledi.**

**Geçen möwsümiň çempiony Mark Markese («Ducati Lenovo») ýaryşy tamamlamak başartmady. Möwsümiň 2-nji ýaryşy 22-nji martda Braziliýanyň Goiana şäherinde geçiriler.**

# 19-njy Tokio marafony

Möwsümiň 7 uly marafon ýaryşynyň ilkinjisi bolan Tokio marafonynda erkekleriň arasynda Tadese Takele bassyr 2-nji ýeňşini gazandy. Ol 2 sagat 3 minut 37 sekuntda pellehana gelip, efiopiýaly Jeffri Toroitçden hem-de Aleksander Mutisodan öňe saýlandy. Takele geçen ýylam Tokioda hemme öň pellehana gelipdi.

19-njy gezek geçirilen marafonda zenanlaryň arasynda keniýaly ýeňil atletikaçy efiopiýaly türgenleri yzda galdyrmagy başardy. Ýagny keniýaly Brigid Kosgei 42,195 kilometri 2 sagat 14 minut 29 sekuntda tamamlap, 2021-nji ýyldan soň Tokioda 2-nji ýeňşini gazandy. Bu onuň uly marafon ýaryşlaryndaky 6-njy çempionlygy bolup, ol Çikagodyr Londonda-da 2 gezek 1-nji orny eýeledi. Tokio 2026 marafon ýlgawynda zenanlaryň arasynda efiopiýaly Bertukan Welde bilen Hawi Feýsa 2-3-nji orunlara mynasyp boldular.





# «Arsenal» arany açýar

Angliýanyň çempionatynda soňky 7 günde 28-29-njy tapgyryň oýunlary geçirildi. 28-nji tapgyrda «Arsenal» öz meýdançasynda «Çelsini» Saliba we Timberiň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňdi. 29-njy tapgyrda bolsa «Arsenal» myhmançylykda «Braýtondan» Sakanyň 9-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen üstün çykmagy başardy. Myhmançylykda «Lidsi» Semenýonyň 45+2-nji minutda geçiren goly esasynda ýeňen «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Nottingam Forest» bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnap, 2 utuk ýitirdi.



### Salahyň 3 aýdan soň geçiren goly ýeňşe ýetmedi

● Soňky çempion «Liwerpul» öz meýdançasynda Ekitikeniň 1 gol geçirip, 2 asist eden oýnunda «West Hamy» 5–2 hasabynda ýeňdi. 29-njy tapgyrda bolsa «Liwerpul» iň aşaky orunda barýan «Wulwerhemptondan» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda «Liwerpulyň» hasaby deňlän goluny Mohamed Salah geçirip, ol çempionatda 3 aýdan soň ilkinji gezek tapawutlanmagy başardy. Ýöne 90-njy minutdan soň Andreniň geçiren goly bilen «Wulwerhempton» bassyr 2-nji, möwsümdäki 3-nji ýeňşini gazandy.



### 11 oýundan soň ýeňildi

● 28-nji tapgyrda «Kristal Palasy» Bruno Fernandeşiň hem-de Şeşkonyň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňen «Mançester Ýunaýted» myhmançylykda şol hasap bilen «Nýukasldan» utuldy. 45+1-nji minutda Jeýkob Remziniň gyzyl kart almagyndan soň meýdançada 1 oýunçy kem galan «Nýukasl» 45+6-njy minutda Gordonyň 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen öňe saýlandy. Myhmanlar 45+9-njy minutda Kazemironyň tapawutlanmagynda hasaby deňlesede, 90-njy minutda garşylyklaýyn hüjümde Osula owadan gol bilen «Nýukasla» ýeňiş getiren oýunçy boldy. «Mançester Ýunaýted» Maýkl Kerrigiň tälimçiliginde ilkinji gezek, umumylykda bolsa çempionatda 11 oýundan soň ýeňildi.

### Žoao Pedronyň 4 golluk goşandy

● 29-njy tapgyrda 4-nji orna düşen «Aston Willa» bilen «Çelsiniň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri duşuşygyň başynda Duglas Luiziň goly esasynda öňe saýlandy. Ýöne 30-njy minutdan soň birmingemlilere Žoao Pedrony saklamak başartmady. Ol het-trik edip, 4-nji goluň hem pasyny berdi. Braziliýaly oýunçy duşuşygyň 35-nji, 45+6-njy we 64-nji minutlarynda tapawutlanyp, toparynyň uly hasaply ýeňşine saldamly goşant goşdy.



# «Milan» bilen «Inter» 246-njy gezek duşuşar

Italiýanyň çempionatynda 15 oýundan bäri ýeňilmän gelýän sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Jenoany» Dimarko hem-de Çalhanoglunyň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Bassyr 8-nji ýeňşini gazanan «Inter» soňky 15 duşuşygyň diňe birinde deňme-deň oýnap, utuk ýitirdi. Geçen tapgyrda 24 oýunlyk ýeňlişsiz seriýasy tamamlanan «Milan» bu gezek 90-njy minutdan soňam hem bolsa 2 gol geçirip, «Kremonezeden» 2–0 hasabynda üstün çykdy. Möwsümiň 1-nji tapgyrynda öz meýdançasynda «Kremonezeden» 2–1 hasabynda utulan «Milanyň» jogap oýnundaky gollaryny Pawlowiç bilen Rafael Leao geçirdi. Häzirki çempion «Napoli» myhmançylykda «Weronany» Hýoýlunnyň 2-nji, Lukakunyň 90+4-nji minutdaky gollary bilen 2-1 hasabynda utdy. Tapgyryň merkezi oýnunda «Roma» bilen «Ýuwentus» duşuşyp, 6 goluň geçirilen duşuşygynda ýeňiş gazanan bolmady. Paýtagtlylar Wesli Fransa, Ndika hem-de Maleniň gollary bilen 3–1 hasabynda öňe saýlansalaram, olara bu üstünligi saklamak başartmady. 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas bolan «Ýuwentusyň» gollaryny Konseýsau, Boga hem-de Gatti geçirdi.





Hepdäniň ýekşenbe güni, 8-nji martdan 9-njy marta geçilýän gije 00:45-de «Serie A»-da «Derby della Madonnina» duşuşygynda «Milan» «San Siroda» «Interi» kabul eder. Iki toparyň arasynda häzirki wagtda 10 utuk aratapawut bolup, «Inter» çempionlyga barýar. Bu duşuşykda «Milan» utulsa, aratapawut 13 utuga çykar we «Inter» galan tapgyrlarda arkaýynlyk bilen meýdança çykar. «Milan» ýeňen ýagdaýynda aratapawut 7 utuga düşer. Rossoneriliiler üçin çempionlyga dyrjaşmaga az-owlak umyt dörär. Bu duşuşyk 2 toparyň özara 246-njy resmi duşuşygy bolup, «Interiň» 91, «Milanyň» 83 ýeňşi bar.

### PREMIER LEAGUE (29) – 20 gol

**Ewerton—Börnli: 2–0** (Tarkowski 32, Dýusberi-Holl 60), **Bornmut—Brentford: 0–0, Lids—Sanderland: 0–1** (Diarra 70 p), **Wulwerhempton—Liwerpul: 2–1** (Rodrigo Gomeş 78, Andre 90+4 — Salah 83), **Fulham—West Ham: 0–1** (Sammerwill 65), **Aston Willa—Çelsi: 1–4** (Duglas Luiz 2 — Žoao Pedro 35, 45+6, 64, Palmer 55), **Braýton—Arsenal: 0–1** (Saka 9), **Man. Siti—N. Forest: 2–2** (Semenýo 31, Rodri 62 — Gibbs Waýt 56, Anderson 76), **Nýukasl—M. Ýunaýted: 2–1** (Gordon 45+6 p, Osula 90 — Kazemiro 45+9), **Tottenham—K. Palas**

### LA LIGA (26) — 24 gol

**Lewante—Alawes: 2–0** (Espi 88, 90+7), **R. Wallekano—Atletik: 1–1** (De Frutos 36 — Iniaki Williams 47), **Barselona—Wilýarreal: 4–1** (Ýamal 28, 37, 69, Lewandowski 90+1 — Geýe 49), **Malýorka—R. Sosiedad: 0–1** (Soler 36), **Owiedo—Atletiko: 0–1** (Alwares 90+4), **Elçe—Espanýol: 2–2** (Aguado 42, Rafa Mir 89 p — Kike Garsiýa 7, Romero 57), **Walensiýa—Osasuna: 1–0** (Ramazani 67 p), **Betis—Sewilýa: 2–2** (Antoni 16, Fidalgo 37 — Sançes 62, Romero 85), **Žirona—Selta: 1–2** (Wanat 35 — Džutgla 58, Reýs 70 ö.d.), **Real Madrid—Hetafe: 0–1** (Satriano 33)

### SERIE A (27) — 28 gol

**Parma—Kaliari: 1–1** (Oristanio 83 — Folorunşo 63), **Komo—Leçç: 3–1** (Duwikas 18, Rodriges 35, Kempf 44 — Kulibali 13), **Werona—Napoli: 1–2** (Akpa-Akpro 65 — Hýoýlunn 2, Lukaku 90+6), **Inter—Jenoa: 2–0** (Dimarko 31, Çalhanoglu 70 p), **Kremoneze—Milan: 0–2** (Pawlowiç 90, Leao 90+4), **Sassuolo—Atalanta: 2–1** (Kone 23, Torstwedt 69 — Musa 88), **Torino—Lasio: 2–0** (Simeone 21, Zapata 53), **Roma—Ýuwentus: 3–3** (Wesli Fransa 39, Ndika 64, Malen 65 — Konseýsau 47, Boga 78, Gatti 90+3), **Pisa—Bolonýa: 0–1** (Odgor 90) **Udineze—Fiorentina: 3–0** (Kabasale 10, Dewis 64 p, Buksa 90+4)

### BUNDESLIGA (24) — 22 gol

**Augsburg—Köln: 2–0** (Ribeýru 55, Klod-Morris 90+6), **Hoffenhaým—Sankt-Pauli: 0–1** (Pereýra Laže 45+4), **Werder—Haýdenhaým: 2–0** (Miloşewiç 57, Berens 90+7 ö.d.), **Borussiýa M—Union Berlin: 1–0** (Diks 90+4 p), **Baýer—Maýns: 1–1** (Kuansa 88 — Bekker 67), **Borussiýa D—Bawariýa: 2–3** (Şlotterbek 26, Swensson 83 — Keýn 54, 70 p, Kimmih 87), **Ştutgart—Wolfsburg: 4–0** (Undaw 21, Leweling 30, 42, Narti 90+5), **Aýntraht—Fraýburg: 2–0** (Şaibi 64, Baoýýa 81), **Hamburg—Leipsig: 1–2** (Wieira 22 — Romulo 36, Diomande 50)

### LIGUE 1 (24) — 18 gol

**Strasbur—Lans: 1–1** (Paniçelli 18 — Sangare 62), **Renn—Tuluza: 1–0** (Norden 27), **Monako—Anže: 2–0** (Balogan 57, Adingra 62), **Le Hawr—PSŽ: 0–1** (Barkola 37), **Pariž—Nissa: 1–0** (Munetsi 26), **Lill—Nant: 1–0** (Ngoý 90+4), **Loriýan—Oser: 2–2** (Dieng 19, 29 — Senaýa 1, Kazimir 24), **Mets—Brest: 0–1** (Ažork 69), **Marsel—Lion: 3–2** (Paýşao 52, Obameýang 81, 90+1 — Tolisso 3, Imber 76)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 30 | 20 | 7 | 3 | 59-22 | 67 |
| 2 | MAN. SITI | 29 | 18 | 6 | 5 | 59-27 | 60 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 29 | 14 | 9 | 6 | 51-40 | 51 |
| 4 | ASTON WILLA | 29 | 15 | 6 | 8 | 39-34 | 51 |
| 5 | ÇELSI | 29 | 13 | 9 | 7 | 53-34 | 48 |
| 6 | LIWERPUL | 29 | 14 | 6 | 9 | 48-39 | 48 |
| 7 | BRENTFORD | 29 | 13 | 5 | 11 | 44-40 | 44 |
| 8 | EWERTON | 29 | 12 | 7 | 10 | 34-33 | 43 |
| 9 | BORNMUT | 29 | 9 | 13 | 7 | 44-46 | 40 |
| 10 | FULHAM | 29 | 12 | 4 | 13 | 40-43 | 40 |
| 11 | SANDERLAND | 29 | 10 | 10 | 9 | 30-34 | 40 |
| 12 | NÝUKASL | 29 | 11 | 6 | 12 | 42-43 | 39 |
| 13 | BRAÝTON | 29 | 9 | 10 | 10 | 38-36 | 37 |
| 14 | KRISTAL PALAS | 28 | 9 | 8 | 11 | 30-34 | 35 |
| 15 | LIDS | 29 | 7 | 10 | 12 | 37-48 | 31 |
| 16 | TOTTENHAM | 28 | 7 | 8 | 13 | 38-43 | 29 |
| 17 | N. FOREST | 29 | 7 | 7 | 15 | 28-43 | 28 |
| 18 | WEST HAM | 29 | 7 | 7 | 15 | 35-54 | 28 |
| 19 | BÖRNLI | 29 | 4 | 7 | 18 | 32-58 | 19 |
| 20 | W. HEMPTON | 30 | 3 | 7 | 20 | 22-52 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 22 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 18 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 15 |
| 4 | Žoao PEDRO (Çelsi) | 14 |
| 5 | Hugo EKITIKE (Liwerpul) | 11 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 26 | 21 | 1 | 4 | 71-26 | 64 |
| 2 | REAL MADRID | 26 | 19 | 3 | 4 | 54-22 | 60 |
| 3 | ATLETIKO M | 26 | 15 | 6 | 5 | 43-23 | 51 |
| 4 | WILÝARREAL | 26 | 16 | 3 | 7 | 48-31 | 51 |
| 5 | BETIS | 26 | 11 | 10 | 5 | 42-32 | 43 |
| 6 | SELTA | 26 | 10 | 10 | 6 | 36-28 | 40 |
| 7 | ESPANÝOL | 26 | 10 | 6 | 10 | 33-39 | 36 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 26 | 9 | 8 | 9 | 38-38 | 35 |
| 9 | ATLETIK B | 26 | 10 | 5 | 11 | 30-36 | 35 |
| 10 | OSASUNA | 26 | 9 | 6 | 11 | 30-30 | 33 |
| 11 | HETAFE | 26 | 9 | 5 | 12 | 21-29 | 32 |
| 12 | R. WALLEKANO | 26 | 7 | 9 | 10 | 26-32 | 30 |
| 13 | SEWILÝA | 26 | 8 | 6 | 12 | 34-41 | 30 |
| 14 | ŽIRONA | 26 | 7 | 9 | 10 | 27-42 | 30 |
| 15 | WALENSIÝA | 26 | 7 | 8 | 11 | 27-39 | 29 |
| 16 | ALAWES | 26 | 7 | 6 | 13 | 23-34 | 27 |
| 17 | ELÇE | 26 | 5 | 11 | 10 | 34-39 | 26 |
| 18 | MALÝORKA | 26 | 6 | 6 | 14 | 29-42 | 24 |
| 19 | LEWANTE | 26 | 5 | 6 | 15 | 28-44 | 21 |
| 20 | OWIEDO | 26 | 3 | 8 | 15 | 16-43 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 23 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 16 |
| 3 | Lamin ÝAMAL (Barselona) | 13 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 12 |
| 5 | Ferran TORRES (Barselona) | 12 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 27 | 22 | 1 | 4 | 64-21 | 67 |
| 2 | MILAN | 27 | 16 | 9 | 2 | 43-20 | 57 |
| 3 | NAPOLI | 27 | 16 | 5 | 6 | 41-28 | 53 |
| 4 | ROMA | 27 | 16 | 3 | 8 | 37-19 | 51 |
| 5 | KOMO | 27 | 13 | 9 | 5 | 44-20 | 48 |
| 6 | ÝUWENTUS | 27 | 13 | 8 | 6 | 46-28 | 47 |
| 7 | ATALANTA | 27 | 12 | 9 | 6 | 37-24 | 45 |
| 8 | BOLONÝA | 27 | 11 | 6 | 10 | 36-32 | 39 |
| 9 | SASSUOLO | 27 | 11 | 5 | 11 | 34-36 | 38 |
| 10 | UDINEZE | 27 | 10 | 5 | 12 | 31-39 | 35 |
| 11 | LASIO | 27 | 8 | 10 | 9 | 26-27 | 34 |
| 12 | PARMA | 27 | 8 | 9 | 10 | 20-32 | 33 |
| 13 | KALIARI | 27 | 7 | 9 | 11 | 29-36 | 30 |
| 14 | TORINO | 27 | 8 | 6 | 13 | 27-47 | 30 |
| 15 | JENOA | 27 | 6 | 9 | 12 | 32-39 | 27 |
| 16 | FIORENTINA | 27 | 5 | 9 | 13 | 30-42 | 24 |
| 17 | KREMONEZE | 27 | 5 | 9 | 13 | 21-38 | 24 |
| 18 | LEÇÇE | 27 | 6 | 6 | 15 | 18-36 | 24 |
| 19 | PISA | 27 | 1 | 12 | 14 | 20-44 | 15 |
| 20 | WERONA | 27 | 2 | 9 | 16 | 20-48 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 2 | Niko PAZ (Komo) | 9 |
| 3 | Rafel LEAO (Milan) | 9 |
| 4 | Rasmus HÝOÝLUNN (Napoli) | 9 |
| 5 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 9 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 24 | 20 | 3 | 1 | 88-23 | 63 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 24 | 15 | 7 | 2 | 51-25 | 52 |
| 3 | HOFFENHAÝM | 24 | 14 | 4 | 6 | 49-31 | 46 |
| 4 | ŞTUTGART | 24 | 14 | 4 | 6 | 48-32 | 46 |
| 5 | LEIPSIG | 24 | 13 | 5 | 6 | 46-33 | 44 |
| 6 | BAÝER | 24 | 13 | 4 | 7 | 45-29 | 43 |
| 7 | AÝNTRAHT | 24 | 9 | 7 | 8 | 48-49 | 34 |
| 8 | FRAÝBURG | 24 | 9 | 6 | 9 | 34-39 | 33 |
| 9 | AUGSBURG | 24 | 9 | 4 | 11 | 30-41 | 31 |
| 10 | UNION BERLIN | 24 | 7 | 7 | 10 | 29-38 | 28 |
| 11 | HAMBURG | 24 | 6 | 8 | 10 | 26-35 | 26 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 24 | 6 | 7 | 11 | 27-39 | 25 |
| 13 | KÖLN | 24 | 6 | 6 | 12 | 33-41 | 24 |
| 14 | MAÝNS | 24 | 5 | 8 | 11 | 27-39 | 23 |
| 15 | SANKT-PAULI | 24 | 6 | 5 | 13 | 23-40 | 23 |
| 16 | WERDER | 24 | 5 | 7 | 12 | 25-44 | 22 |
| 17 | WOLFSBURG | 24 | 5 | 5 | 14 | 33-53 | 20 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 24 | 3 | 5 | 16 | 22-53 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 30 |
| 2 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 14 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 13 |
| 4 | Serhu GIRASSI (Borussiýa D) | 11 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 11 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 24 | 18 | 3 | 3 | 53-19 | 57 |
| 2 | LANS | 24 | 17 | 2 | 5 | 45-21 | 53 |
| 3 | LION | 24 | 14 | 3 | 7 | 39-26 | 45 |
| 4 | MARSEL | 24 | 13 | 4 | 7 | 51-33 | 43 |
| 5 | LILL | 24 | 12 | 4 | 8 | 37-31 | 40 |
| 6 | RENN | 24 | 11 | 7 | 6 | 38-35 | 40 |
| 7 | MONAKO | 24 | 11 | 4 | 9 | 40-36 | 37 |
| 8 | STRASBUR | 24 | 10 | 5 | 9 | 40-31 | 35 |
| 9 | BREST | 24 | 9 | 6 | 9 | 32-34 | 33 |
| 10 | LORIÝAN | 24 | 8 | 9 | 7 | 34-38 | 33 |
| 11 | TULUZA | 24 | 8 | 7 | 9 | 33-28 | 31 |
| 12 | ANŽE | 24 | 8 | 5 | 11 | 22-30 | 29 |
| 13 | LE HAWR | 24 | 6 | 8 | 10 | 20-30 | 26 |
| 14 | PARIŽ | 24 | 6 | 8 | 10 | 28-40 | 26 |
| 15 | NISSA | 24 | 6 | 6 | 12 | 30-44 | 24 |
| 16 | OSER | 24 | 4 | 6 | 14 | 19-35 | 18 |
| 17 | NANT | 24 | 4 | 5 | 15 | 22-41 | 17 |
| 18 | METS | 24 | 3 | 4 | 17 | 22-53 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 14 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 14 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 12 |
| 4 | Wesli SAID (Lans) | 10 |
| 5 | Pawel ŞULS (Lion) | 9 |

# Ýamalyň ilkinji het-trigi

Ispaniýanyň çempionatynda «Barselona» öz meýdançasynda «Wilýarrealy» ýeňmek kyn düşmedi. Ýamalyň 3, Lewandowskiniň 1 goly bilen 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Barselona» 4 utuk öňe saýlandy. Ýamal karýerasy boýunça ilkinji gezek het-trik etmegi başardy. «Real» bolsa Madrid derbisinde öz meýdançasynda «Hetafeden» 1–0 hasabynda ýeňildi. Duşuşygyň ýeke-täk goluny 33-nji minutda Satriano derwezä girizdi. «Real Madrid» topary 2019-njy ýyldan bäri ilkinji gezek çempionatda yzly-yzyna 2 oýunda ýeňildi. Duşuşykda şikes alan Rodrigonyň ýylyň soňuna çenli meýdança çykyp bilmejekdigi mälim edildi. Madridiň «Atletikosy» bolsa myhmançylykda autsaýder «Owiedony» Hulian Alwaresiň 90+4-nji minutda geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda utdy.



**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ myhmançylykda «Le Hawr» toparyny Barkolanyň 37-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşygyň 79-njy minutynda Desire Due 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. «Lansyň» myhmançylykda «Strasbur» bilen deňme-deň bolan tapgyryň merkezi duşuşygynda «Marsel» öz meýdançasynda «Liony» 3–2 hasabynda ýeňdi. Oýunda myhmanlar 2 gezek öňe saýlansa-da, ýer eýeleri Obameýangyň soňky 10 minutda geçiren gollary bilen ýeňşini baýram etdi.

### Keýn ýene 2 gol geçirdi

● **Germaniýanyň çempionatynda** «Der Klassiker» derbisinde sanawyň lideri «Bawariýa» myhmançylykda 2-nji orundaky «Borussiýa Dortmunddan» 3–2 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň gollarynyň ikisini Harri Keýn derwezä girizip, ol bassyr 4-nji duşuşygynda dubl etmegi başardy. Keýn «Bundesligada» şeýle görkezijä ýeten 3-nji futbolçy boldy. «Bawariýanyň» ýeňiş goluny 87-nji minutda Kimmih geçirip, ýer eýelerinden Şlotterbek bilen Swenssonyň takyk urgulary 3 utuk üçin ýeterlik bolmady. Bu ýeňişden soň «Bawariýa» çempionlyga ýene bir ädim golaýlap, münhenliler dortmundlylar bilen utuk aratapawudyny 11-e ýetirdi.






**6-njy mart (anna)**

| | |
|---|---|
| Al-Ahli – Al-Ittihad (00:00) | |
| **Bawariýa – Borussiýa M (00:30)** | |
| **PSŽ – Monako (00:45)** | |
| Napoli – Torino (00:45) | |
| **Wulwerhempton – Liwerpul (01:00)** | |
| **Selta – Real Madrid (01:00)** | |

**7-nji mart (şenbe)**

| | |
|---|---|
| Mansfild Tawn – Arsenal (19:15) | |
| Fraýburg – Baýer (19:30) | |
| **Beşiktaş – Galatasaraý (22:00)** | |
| Köln – Borussiýa D (22:30) | |
| **Atletiko – Real Sosiedad (22:30)** | |
| Reksam – Çelsi (22:45) | |
| **Braga – Sporting (23:00)** | |
| Al-Nassr – Neom (00:00) | |
| PSW – AZ (00:00) | |
| Ýuwentus – Pisa (00:45) | |
| **Nýukasl – Mançester Siti (01:00)** | |
| **Atletik – Barselona (01:00)** | |
| Tuluza – Marsel (01:05) | |

**8-nji mart (ýekşenbe)**

| | |
|---|---|
| Orenburg – Zenit (14:00) | |
| Rubin – Krasnodar (19:00) | |
| SSKA – Dinamo (21:30) | |
| Fenerbahçe – Samsunspor (22:00) | |
| Jenoa – Roma (22:00) | |
| **Benfika – Porto (23:00)** | |
| Lion – Pariž (00:45) | |
| **Milan – Inter (00:45)** | |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «Siziň üçin, körpeler!» gepleşigi bilen adygan

Men 4–5 ýaşlyja çaga wagtym telewideniýäniň çagalar bölüminde taýýarlanýan «Siziň üçin, körpeler!» atly gepleşik tomaşaçylar tarapyndan gyzgyn garşy alnyp, söýlüp görülýän gepleşikdi. Bu gepleşige diňe çagalar däl, eýsem, uly ýaşly adamlar hem sabyrsyzlyk bilen garaşyp, uly höwes bilen tomaşa edýärdiler. Gepleşigiň alypbaryjysy Aýsoltan Begenjowa bilen haýwanjyklaryň arasynda bolýan gyzykly gürrüňler çagalara mahsus bolup, tomaşaçyny özüne çekýärdi. Men Aşgabat şäherindäki 25-nji çagalar bakja-bagynda terbiýelenýärdim. Şol wagtlar meniň kakam «Siziň üçin, körpeler!» atly gepleşikde Alabaý atly güjüjegi oýnadyp hem ses berip çykyş edýärdi.



Men bir gün kakama çagalar bagynda «Böwenjik» atly ertekini öwrenendigimi aýdyp, ertekini gürrüň berdim. Kakam «berekellamy» ýetirip, «Şol ertekini mawy ekranda çagalara gürrüň berip bilermiň?» diýip sorady. «Hawa, gürrüň bererin» diýdim. Bir gün kakam Aýsoltan gelnejäni alyp çagalar bagyna geldi. Men şonda «Böwenjik» atly ertekini sakynman gürrüň berdim. Aýsoltan gelneje «berekellamy» ýetirdi. Şeýdip men ilkinji gezek «mawy ekranda» çykyş edipdim.

Şol gepleşikde Alabaýdan başga-da Towşanjyk, Tilkijik, Kirpijik, Köşejik, Garagöz ýaly haýwanjyklaryň üsti bilen körpelere edep-terbiýe, öwüt-ündew berlip, olaryň Watana, ene-atalaryna wepaly oglan-gyzlar bolup ýetişmekleri hakynda söhbet açylýardy. Umuman, alypbaryjy bilen gurjaklaryň arasynda terbiýeleýji äheňdäki gürrüňler gidýärdi. Meniň çaga kalbymy buýsandyran zat bolsa kakamyň şol gepleşige Alabaý atly güjüjek bilen öz goşandyny goşýanlygy bolupdy. Şol pursatlar aňymda ýatlama bolup galdy. Şonuň üçin mende Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri Aýsoltan Begenjowa bilen duşuşyp, onuň häzirki ykbaly, durmuş we döredijilik ýoly hakynda okyjylar köpçüligine ýetirmek höwesi döredi.

Aýsoltan Begenjowa 1963-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda Aşgabat şäherinde dünýä inýär. Ol orta bilimi Aşgabadyň öňki 29-njy orta mekdebinde alýar. Entek mekdepde okap ýörkä, okuwdan boş wagtlaryny telewideniýede geçiripdir. Olaryň öýleri öňki «8-nji mart» diýlip atlandyrylan ýeriň baýyrlygyndan telewideniýä barýan ýoluň ugrunda ýerleşipdir. Şol ýoldan bolsa her gün diýen ýaly tanymal sungat ussatlarydyr meşhur medeniýet işgärleri geçer eken. Olary gözleri bilen yzarlap garşylaýan hem yzlaryna ugradýan onlarça oglan-gyzlaryň arasynda naşyja Aýsoltan halypa alypbaryjylara, döredijilik işgärlerine höwes bilen salam berer eken.

Entek 7-8 ýaşlaryndaky çaga wagty telewideniýede ir döwürler taýýarlanyp ýaýlymda görkezilýän «Dana babanyň ertekisi» atly çagalara niýetlenen gepleşikde bir topar deň-duşlary bilen bilelikde diňleýji bolup studiýada oturmagy onuň sungata maýyl bolmagyna sebäp bolupdyr. Çagalykdan başlap telewideniýäniň işine höwes etmegi onda türkmen medeniýetine we sungatyna çäksiz söýgini oýarypdyr.





Aýsoltanyň ykbalyny sungata, telewideniýä baglamagyna käbesi Şekil enäniň hem kömegi az bolmandyr. Onuň ejesi adyna mynasyp görmegeý zenan bolup, elinden dür dökülýär eken. Şekil ene nahar bişirmegiňem ussady bolupdyr. Ol gyzy Aýsoltanyň baş goşan kärine özüniň enelik yhlasy bilen guwanyp, gyzynyň kesbinden kemal tapmagyny, saýlan hünäri bilen at-abraýa eýe bolmagyny tüýs ýürekden isläpdir.

Aýsoltan Begenjowa 1980–1985-nji ýyllarda dilçi we mugallymçylyk hünäri boýunça ýokary bilim alýar. Emma ol türkmen telewideniýesinden örküni üzmeýär. Şeýdibem ýörite hödürnama boýunça telewideniýä işe çagyrylýar.

1982-nji ýylda türkmen telewideniýesinde köp sanly halypalaryň tagallasy bilen «Siziň üçin, körpeler!» atly gepleşik taýýarlanyp, ýaýlymda görkezilip başlanýar. Bu gepleşigiň şowly çykmagy üçin gurjaklary hereketlendirip hem ses berip goşant goşanlar, Köşejik – Gurbannazar Atakgaýew, Towşanjyk – Altyn Hojaýewa, Ene Baýramberdiýewa, Ejebaý Kasymowa, Tilkijik – Nurtäç Mämmetýarowa, Garagöz – Annamyrat Saparmuhammedow, Alabaý – Durdy Annadurdyýew, Akmyrat Hojaberdiýew, Kirpijik – Bäşim Gurbanow dagy öz keşplerini körpe tomaşaçylara ynandyryjy edip ýetirmegi başarýardylar.

Gepleşigi ilki Türkmenistanyň halk artistleri Juma Ýazmyradow, Nurmuhammet Keşşikow, Aman Baýramberdiýew, soňra bolsa Dürli Geldiýewa, Oguljeren Işangulyýewa, Aýsoltan Begenjowa alyp barypdyr. Aman aga bilen Aýsoltan gelnejäniň ataly-gyz ýaly mylakatly keşpleri diňe bir körpeleri däl, eýsem, uly ýaşly tomaşaçylary hem bu gepleşigiň daşyna üýşürýärdi.

Aýsoltan sekiz çaganyň biri, ýagny gyzlaryň körpesi bolmak bilen, ownuk-uşak öý hojalyk işlerinden daşgary, gelnejeleriniň çagalaryna-da seredişmeli bolupdyr. Şol işleriň daşyndan bolsa okuwyna ýetişipdir. Indi gepleşige gatnaşmagy togtadaryn diýse-de, halypalaryň özleri onuň okamaly sözlerini öýlerine getirip gider ekenler. Şeýdibem ýene-de gepleşik alyp barmagy dowam etmeli bolupdyr. Soňlugy bilen Aýsoltanyň alypbaryjy bolup işlemegini ýanýoldaşy Ahmedem, gaýyn enesi hem goldapdyrlar. Bu ýagdaý bolsa oňa güýç-kuwwat berip, sungata bolan höwesi hasam güýjäp, zehinine zehin goşupdyr.

Ol çagalygyndan uly halypalaryň arasynda bolandygyny, olaryň göreldesine eýerip tejribe toplandygyny aýtmak bilen, terjimeçi Owadan Gurdowanyň, Geldimyrat Baýramowyň, Atamyrat Çopanowyň, Amangeldi Şyhlyýewiň, ýazyjylar Täçmämmet Jürdekowyň, Ýazmyrat Şadurdyýewiň, režissýorlar Aman Tommadowyň, Bäşim Gurbanowyň, Ussa Şazadaýewiň çagalara niýetlenip taýýarlanýan gepleşikler üçin goşgularydyr edebi eserlerini ürç edip özünde özleşdirendigini ýatlaýar. Olaryň biri gepleýşine üns berse, beýlekisi egin-eşigine serenjam bermekde ýardam beripdir. Alypbaryjynyň sözleýiş, özüni alyp baryş medeniýetiniň üstüni egin-eşigiň ýetirýändigine onuň ünsüni çekipdirler. Aýsoltan gelneje şol halypalaryň her haýsyndan bir zat öwrenip, üstünlige ýetendigini ýatlaýar.

Aýsoltan gelnejäniň gürrüň bermegine görä, şol wagtlar taýýarlanyp ýaýlyma berilýän «Siziň üçin, körpeler!» atly gepleşigiň ilhalar gepleşik bolmagy üçin ençeme ýazyjydyr şahyrlar, redaktorlar, artistler uly tagalla edipdirler.

Aýsoltan gelnejäniň alypbaryjylyk ukybyndan başga-da sadadan adamkärçilikli häsiýeti hem çagalary özüne çekýärdi. Ol uly ýaşlylar bilenem, çagalar bilenem sypaýy gürleşmegi, düşünişmegi başarýardy.

Aýsoltan Begenjowa 2005-nji ýyldan bäri «Miras» teleradioýaýlymynyň tolkuna goýberiş bölüminde gepleşikleri ýaýlyma goýberiji bolup işläp gelýär. Ol diňe bir körpeler üçin däl, eýsem, mekdep okuwçylary, ýetginjekler üçin hem gepleşikleri taýýarlap ýaýlyma berýär. Oňa 2016–2021-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi bilen «Miras» teleradioýaýlymy tarapyndan bilelikde taýýarlanýan «Zenan kalby» atly gepleşigi taýýarlamak hem alyp barmak ynanylýar. Şol gepleşik hem oňa uly üstünlik getirýär. «Size çagalar bilen işleşmek aňsatmy ýada eneleriň, gelin-gyzlaryň durmuşyndan söz açýan gepleşikleri taýýarlamak we alyp barmak aňsatmy?!» diýip beren sowalyma Aýsoltan gelneje: «Körpeleriň öz dünýäsi, öz pikirleri bar, ýetginjekleriň dünýägaraýşy, soraýan zadyňa berýän jogaplary täze bir pikiriň döremegine getirýär. Enelerimiz, gelin-gyzlarymyz bilen guralýan söhbetdeşlikler bolsa däp-dessurlarymyza, el işlerimize, milli gymmatlyklarymyza, öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan milli mirasymyza buýsanjyňy artdyrýar. Enelerimizden bilmeýän zatlarymy öwrenýän. Olaryň rowaýatlaryň, tymsallaryň üsti bilen berýän gyzykly gürrüňleri mirasyň ýene bir üýtgeşik öwüşginli tarapyny açyp görkezip, gözýetimiňi giňeldýär» diýip, jogap berdi. Meniň «Kino sungatynda öz zehiniňizi synap gördüňizmi?» diýen sowalyma Aýsoltan gelneje şeýle jogap berdi: «Milli mirasymyza, gymmatlyklarymyza bolan höwes maňa türkmen el halylary, türkmeniň saryja goýny hakynda «Göwün nagşy» atly telefilmi döretmegime itergi berdi. Bu film teleýaýlymlarda öz mynasyp ornuny tapdy. Şonuň ýaly hem «Ýaşlyk» teleradioýaýlymynyň gepleşikleri taýýarlaýjysy we guraýjysy bolup işleýän režissýor Haknazar Myratdurdyýewiň Täze ýyl baýramyna bagyşlap surata düşüren «Jadyly täze ýyl» atly filminde oňat mamanyň keşbinde çykyş etmek maňa miýesser etdi».

Aýsoltan Begenjowa hakynda kärdeşleri diňe öwgüli sözleri aýdýarlar. Onuň şägirtleri häzirki günlerde teleýaýlymlarda döredijilikli zähmet çekip ýörler. 2013-nji ýylda Aýsoltan Begenjowa «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly at dakylýar. Aýsoltan gelneje bu belent ada mynasyp bolmagynda mähriban käbesi Şekil daýzanyň aýratyn paýynyň bardygyny nygtaýar. Ol bu belent at üçin Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden alkyş aýdyp, özüniň ujypsyzja zähmetine berlen bu belent bahanyň täze-täze döredijilik gözleglerine atarýandygyny nygtaýar. Ol bu sylag üçin zähmetini, zehinini, yhlasyny gaýgyrman işlejekdigini aýdýar.

Halkyň öňüne çykyp öz zehiniňi ykrar etdirmek hemme kişä başartmaýar. Bu babatda Aýsoltan gelnejäniň yhlasy myrat bolupdyr. Çünki durmuşda-da, ýaýlymda-da hemişe süýji dili, mährem keşbi bilen tomaşaçylaryň söýgüsini gazanmak oňa başardýar.

Aýsoltan gelnejäniň agzybir maşgalasy bar. Şu ýerde Aýsoltan gelnejäniň döwletli maşgalasynyň ähli agzalarynyň diýen ýaly telewideniýäniň işgärleridigini hem belläsim gelýär. Ol ýanýoldaşy Ahmet Begenjow bilen bir ogul, bir gyzy ösdürip ýetişdirip, durmuş ýoluna atarypdyr. Ogly Reşit «Teleradiomerkezinde» işlese, gyzy Aýlar kiçijekkä ejesiniň kärine ýykgyn edip, gepleşigem alyp barypdyr. Ahmet aga bilen gelinleri Gülşirin bolsa «Sport» teleýaýlymynda zähmet çekýärler. Aýsoltan gelneje Azym, Halym, Isgender, Abdylla atly agtyklarynyň bagtly enesi hem mamasy.

Aýsoltan Begenjowa medeniýet, sungat, döredijilik işgärleriniň zähmetlerine belent sarpa goýýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize alkyş aýdýar. Biz hem ykbalyny sungata bagyşlap, il içinde «körpeleriň Aýsoltany» ady bilen meşhur bolan halypa döredijilik üstünliklerini arzuw edýäris.

***Resul HOJABERDIÝEW,***
*Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Bagtyýarlyk etrap komitetiniň partiýa guramaçysy.*

## Fransiýanyň hem-de Ispaniýanyň Oskarlary gowşuryldy

Fransiýanyň Oskary hasaplanýan Sezar baýraklarynda «Goşundy» (L'Attachement) atly ekran eseri iň gowy film diýlip saýlandy. Şeýle-de, «Täze akym» (Nouvelle Vague) filmini surata düşüren Riçard Linkleýter şol kinosy üçin iň gowy režissýor baýragy bilen sylaglandy. Bu film iň gowy grim, montaž, operator ýaly ugurlarda-da Sezar baýragynyň heýkeljiklerini gazandy.




51-nji gezek gowşurylan Sezar baýraklarynda Loran Lafit («Dünýädäki iň baý zenan», La Femme la plus riche du monde) hem-de Lea Druker («137-nji iş», Dossier 137) degişlilikde iň gowy aktýor we aktrisa baýraklaryna laýyk görüldi.

«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) filmi-de daşary ýurt dilindäki iň gowy film baýragyna mynasyp boldy. Dabaranyň dowamynda ussat aktýor Jimm Kerri hormat baýragy bilen sylaglandy.

* * *

Ispaniýanyň Kinematografiýa sungaty we ylymlary akademiýasy tarapyndan berilýän Goýýa baýraklarynyň 40-njy gowşurylyş dabarasy geçirildi. Barselona şäherinde geçirilen dabarada iň gowy film diýlip, «Ýekşenbe günleri» (Los domingos) atly film saýlandy. Filmi surata düşüren Alauda Ruiz de Azua iň gowy režissýor, ekran eserinde baş keşbi janlandyran Patrisiýa Lopes Arnais iň gowy aktrisa, şeýle-de Nagore Aranburu ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragyna laýyk görüldi. Filme iň gowy asyl ssenariý baýragy hem berildi.

Iň gowy aktýor baýragyna «Maspalomas» filmindäki keşbi üçin Hose Ramon Sorois mynasyp görüldi.

Dabarada iň köp baýragy «Sirat» kinosy gazanyp, esasan hem tehniki ugurlar boýunça öňe saýlanan bu film 6 Goýýa heýkeljigini eýeledi. «Duýguçyllygyň gymmaty» kinosy iň gowy Ýewropa filmi, Argentinanyň önümi bolan «Belen» iň gowy ispan dilindäki daşary ýurt filmi diýlip saýlandy.

## Oskar ugrunda ýiti göreş

Los Anjelesde geçirilen 32-nji «Actor Awards» baýraklarynda ýeňijiler belli boldy. Ozalky ady Aktýorlar gildiýasynyň baýragy bolan baýraklarda iň gowy aktýor diýlip, «Günäkärler» (Sinners) filminde 2 keşbi birden ýerine ýetiren Maýkl B. Jordan saýlandy. Iň gowy aktrisa baýragyna bolsa «Hamnet» (Hamnet) filminiň ýyldyzy Jessi Bakli laýyk görüldi.





«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) filmindäki keşbi üçin Şon Penn kärdeşleri tarapyndan ikinji plandaky iň gowy aktýor, şeýle-de «Ýaraglar» (Weapons) filminde janlandyran keşbi üçinem Emi Madigan ikinji plandaky iň gowy aktrisa diýlip saýlandy.

«Günäkärler» (Sinners) filminiň artistler topary iň gowy kasting, «Ýerine ýetirip bolmajak tabşyryk: soňky haklaşyk» (Mission: Impossible – The Final Reckoning) filminiň kaskadýorlary-da iň gowy kaskadýor baýragyna laýyk görüldi.

Şeýlelikde, golaýlap gelýän Oskar baýraklarynda iň gowy aktýor ugry boýunça kimiň ýeňiji boljakdygyny çak etmek has-da kynlaşyp barýar. Sebäbi Oskara barýan ýolda Timoti Şalame bilen Wagner Moura «Altyn globusy», Şalame Kritikleriň baýragyny alypdy. BAFTA-da garaşylmadyk ýagdaýda Robert Aramaýonyň, Aktýorlar baýragyny bolsa Maýkl B. Jordanyň almagyndan soň, dalaşgärleriň sany köpeldi. Mälim bolşy ýaly, Oskaryň bu ugry boýunça Şalame, Jordan, Moura bilen bir hatarda, Leonardo DiKaprio hem-de Itan Hawke dalaşgär görkezilipdi. Iň gowy aktrisa baýragyny başyndan bäri Jessi Bakli alyp gelýär we onuň Oskary hem gazanmagyna garaşylýar. Edil şonuň ýaly, ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa baýraklarynda-da mundan öňki sylaglary dürli-dürli artistleriň almagy Oskaryň ýeňijisini öňünden kesgitlemekde kynçylyk döredýär.

* * *

Amerikanyň Prodýuserler gildiýasy ýylyň iň gowy filmi hökmünde «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Antother) filmini saýlady. 37-nji gezek gowşurylan PGA Awards baýraklarynda «Meniň ejem Jeýn» (My Mom Jane) iň gowy dokumental film, «K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters) iň gowy animasiýa ugry boýunça ýeňiji diýlip yglan edildi.

## Kino: taryhy menzillerden tomaşaçynyň saýlawyna çenli



Kino sungaty adamyň duýgularyny, pikirlerini we arzuwlaryny hereket arkaly janlandyrýan iň täsirli sungat görnüşleriniň biridir. Bir kadryň içinde müňlerçe söz, bir sesiň aňyrsynda bolsa çuň many gizlenýär. Şol sebäpden hem kino ýöne bir tomaşa etmek üçin güýmenje däl, eýsem, dünýäni görmegiň, duýmagyň we düşündirmegiň aýratyn ýoludyr. Ol jemgyýetiň ýagdaýyny, döwrüň ruhuny we adamzat pikiriniň ösüşini ekrana geçirýär.

Bu sungatyň nähili derejä ýetendigine doly düşünmek üçin ilki bilen onuň taryhy ýoluna ser salmak zerurdyr. Kino öz gözbaşyny XIX asyryň ahyryndan alyp gaýdýar. 1895-nji ýylda fransuz doganlar Ogýust we Lui Lýumýerler ilkinji gezek adamlaryň öňünde hereketlenýän suraty — filmi görkezýärler. «L'Arrivée d'un train en gare de La Ciotat» (Otlynyň LaSiota menziline gelmegi) atly, 1 minuta golaý dowamlylygy bolan bu ekran eseri dünýäde ilkinji köpçülikleýin kino görkezilişi hasaplanylýar. Şol pursat adamzat medeniýetinde täze bir eýýam — hereketli şekiliň sungaty başlanýar.

Ilkinji ýyllarda kino sessizdi. Hekaýa söz bilen däl-de, hereket we mimika bilen gürrüň berilýärdi. Tomaşaçy eşitmeýärdi, emma düşünýärdi. 1927-nji ýylda «Jaz aýdymçysy» (The Jazz Singer) filmi bilen sesli kino peýda bolýar. Bu täzelik kinonyň täsirini has-da artdyrýar we ony diňe göze däl, gulaga-da täsir edýän sungata öwürýär.

Edebi nukdaýnazardan seredilende, kino diňe wizual hadysa bolman, ruhy täsir güýjüne eýe sungatdyr. Filmde döredilen her bir obraz, her bir hereket, hatda sessizlik hem öz sözüni aýdýar. Režissýor ýazyjy ýaly kamera arkaly sözleýär: ssenariý – eser, kamera – galam, ekran bolsa kagyzdyr. Şu aýratynlyklar kinony edebiýat bilen wizual sungatyň arasynda aýratyn orna çykarýar.

Sessiz kino döwründe kino sungatynyň mümkinçiliklerini doly açyp beren şahsyýetleriň biri hem Çarli Çaplindir. Kino entek sesli bolmanka-da, tomaşaçy üçin «brend» düşünjesiniň bardygyny hut Çaplin subut edýär. Şlýapaly, hasaly, giň balakly we uly aýakgaply Çaplin bu keşbi bilen bütin dünýäde tanalýar. Adamlar kinoteatra «haýsy film?» diýip däl-de, «Çapliniň filmi» diýip barýardylar. Hatda sesi – dili bolmadyk ekranda-da tomaşaçy onuň kimdigini we nähili duýgy berjekdigini öňünden bilýärdi.



Çarli Çaplin diňe aktýor däl, režissýor we awtor hökmünde-de tomaşaçynyň ýol görkezijisine öwrülýär. «Çaga» (The Kid), «Şäher çyralary» (City Lights) ýaly filmlerinde ol gülki bilen gam-gussany, ýönekeý adam bilen jemgyýetçilik meselelerini birleşdirmegi başarýar. Tomaşaçylar onuň filmlerine diňe gülmek üçin däl, eýsem, adamkärçilik, mertebe baradaky çuň pikirleri duýmak üçin barýardylar. Şeýlelikde, aktýor bilen režissýoryň bir şahsyýetde birleşip bilýändigi aýdyň subut edilýär.

Kino sungaty şeýle taryhy ýol bilen ösüp, tehniki we çeperçilik taýdan kämilleşdigiçe,



onuň bilen bir hatarda, tomaşaçynyň hem filme bolan garaýşy, islegi we saýlawy kemkemden üýtgäp başlaýar. Häzirki wagtda kinoteatrlarda tomaşaçylaryň iki dürli, emma kino sungatyna deň derejede wepaly toparynyň bardygyny görmek bolýar.

Tomaşaçylaryň bir bölegi film afişasynda halaýan aktýorynyň adyny görüp, dessine petek satyn alýar. Bu tomaşaçylar topary üçin aktýor — duýgularyň kepili. Olar filme «adam üçin» barýarlar: onuň sesi, seredişi, keşbi nähili janlandyrýandygy aýratyn ähmiýete eýedir. Tomaşaçylaryň şeýle topary aktýoryň üsti bilen hekaýanyň içine girýär we filmi şahsy başdan geçirmä öwürýär. Bu aýdylanlaryň aýdyň mysaly hökmünde, hindi kino sungatyny görkezmek bolar. Bolliwudda geçen asyryň ikinji ýarymynda meşhurlygy Hindistanyň çäklerinden aşan Amitabh Baççany alyp göreliň. Ol özüniň döreden «gaharjaň ýaş adam» keşbi bilen hindi kinosynda täze bir döwre badalga berip, tomaşaçylaryň kalbynda adalatsyzlyga garşy durmagyň nusgawy nyşany hökmünde orun alýar.

Şol bir wagtda Mithun Çakraborti hem ýaş tomaşaçylaryň söýgüsini gazanmagy başarýar. Mysal üçin, «Disko tansçysy» (Disco Dancer) filmi Mithun Çakrabortiniň meşhurlygyny Hindistanyň çäklerinden uzaklara ýaýradýar. Ol tomaşaçylar üçin diňe bir ekran keşbi bolman, eýsem, tükeniksiz energiýanyň, joşgunly hereketiň nyşanyna öwrülýär. Bu ýagdaý aktýora esaslanýan tomaşaçylar üçin kinonyň näderejede giň gerimli sungata öwrülip bilýändigini görkezýär.

Beýleki tomaşaçylar topary bolsa kinony awtorlyk söz hökmünde kabul edýärler. Olar üçin režissýor – stil, pikir we aýratyn kino dilidir. Şeýle tomaşaçylar atmosfera, ritm we çuň manylar üçin kinoteatra barýarlar. Hindi kinosynda ady rowaýata öwrülen ussat — Raj Kapur aktýor bilen režissýoryň bir şahsyýetde birleşen seýrek mysallarynyň biridir. «Sergezdan» (Awaara), «Jenap 420» (Shree 420) ýaly filmlerinde ol diňe bir keşbi açyk görkezmek bilen çäklenmän, eýsem, jemgyýet meselelerini hem beýan edýär. Romantik žanrynyň muşdaklary üçin režissýor Ýaş Çopranyň döredijiligi bu ugruň iň ýokary nusgasy we nyşany hökmünde kabul edilýär. Onuň filmlerinde söýgi diňe bir hekaýa däl, eýsem, estetika hökmünde görkezilýär. Häzirki zaman hindi kinosynyň ussat «suratkeş» režissýory Sanjaý Lila Bhansali ýaly režissýorlar bolsa kinony wizual sungatyň ýokary derejesine çykarýar. Onuň «Devdas», «Padmaavati», «Bajirao Mastani» ýaly filmleri reňk, saz we sahnalaryň gerimi bilen tapawutlanýar.

Bu iki tomaşaçy topary biri-biri bilen bäsleşmeýär, tersine, biri-birini doldurýar. Aktýorlary saýlaýan tomaşaçylar kinony köpçülikleýin we duýgy taýdan täsirli edýärler, režissýory saýlaýan tomaşaçylar bolsa onuň ösüşine, täze görnüşleriň kemala gelmegine itergi berýärler. Güýçli aktýor bilen özboluşly režissýor bir filmde duşuşanda, bu serhetler bütinleý ýitip gidýär.

Häzirki zaman kino sungaty innowasion tehnologiýalar bilen öz gerimini yzygiderli giňeldýär. Ekranyň jadyly dünýäsi indi diňe kinoteatrlaryň ak perdeleri bilen çäklenmän, eýsem, sanly ulgamlar arkaly öýlerimize aralaşýar we «akylly» telefonlaryň ekranynda öz muşdaklary bilen ýakyndan didarlaşýar. Kompýuter grafikasynyň çäksiz mümkinçilikleri sahnalaryň wizual çäklerini giňeltse-de, kinonyň asyl mazmuny we täsir ediji güýji üýtgewsizligine galýar. Sebäbi hakyky kino sungaty diňe tehnologik kämillik bilen däl-de, ynsan kalbyna täsir edýän çuňňur duýgy we pelsepewi pikir bilen täze belentliklere göterilýär.

**Ajap REJEPOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.*